ORAZ  YAGMYR

# HAJY BEKDAŞ WELİ

(Tanatma kitaby)

Hajy Bekdaş Weli XIII asyryň türkmen-türk filosofy, beýik ynsanperwer ýazyjy hem-de alym. Magtymguly Pyragynyň ruhy halypalarynyň biri bolan bu ynsanyň Ynsançylyk ylmynda örän çuň pelsepelere ýeteni belli. Ynsan Hukuklarynyň Beýannamasy 1948-nji ýylda kabul edilen bolsa, Hajy Bekdaş Weli o prinsipleri, o ýörelgeleri 700 ýylrak öň aýdyp-ýazyp gidipdir. Orta Aziýada nähak unudylan, ady nätanyş eşidilýän bu ägirdi nesiller tanamalydyrlar. Hajy Bekdaş Welini tananlar oňa ýürek berýär, ol biziň günlerimiziň, gelejegimiziň Beýik Ynsany. Oňa patyşalaryň, serkerdeleriň leşger tartyp alyp bilmedik galalaryny gylyçsyz-gansyz, topsuz-tophanasyz alan Gahryman diýýärler.

Nesiller şahyrlaryňky, alymlaryňky, halka hyzmat eden Gahrymanlaryňkydyr.

## Hajy Bekdaş Weliniň öwütleri

Ynjasaň-da ynjytma.
Geliň, janlar, bir bolalyň,
iri bolalyň, diri bolalyň.
Duşmanyňyzyň hem ynsandygyny unutmaň.
Aýal-gyzlary okadyň.
Hiç bir milleti we ynsany aýplamaň.
Her näme gözleseň, özüňden gözle.
Keramat başdadyr, o täçde däldir.
Gördügiňi ört, görmedigiňi söýleme.
Eliňe, diliňe, biliňe eýe bol.
Ylymdan gidilmeýän ýoluň soňy tümlükdir.
Ylym ähliniň ilkinji basgançagy edepdir.
Özüňe agyr geleni özgä ýükleme.
Gözle, tap.
Asyllynyň aslyny söýmesi geň zat däldir.
Iman bir hazynadyr.
Rahmanyň asly iman,

şeýtanyň asly şübhedir.
Köňül beýik bir şäherdir.
Gök aglar – ýer güler.
Jan – bossan, magryfet suwdur. Teşne bossana suw näme edýän bolsa, magryfetem jana şeýder.
Magryfetli köňül – Allanyň uly hazynasy we nazargähidir.
Her kime kapyrdan-da has ýaman üç duşman bardyr: birinjisi – nebsewürlikdir, ikinjisi – ulumsylyk we egrilik, üçünjisi – ýalançylyk we hilegärlikdir.
Döwlet – edep, akyl we gözel ahlakdyr.
Ýerde agajy dik tutýan kökdür.
Öz aýplaryny gören kişi hiç kimiň aýbyny dile getirmeli däldir.
Döwletli kişi – janyny gaflatdan oýaran, halyny bilen kişidir.
Akyl Aýa, magryfet Güne, ylym Ýyldyza meňzär.
Maksada sabyr bilen ýetiler.
Aýaga galksaň, hyzmat üçin galk. Sözleşseň hikmetli sözleş. Otursaň hormatly otur.

# Hajy Bekdaş, XIII asyr, döwrüň keşbi

Türkmen taryhynyň öňki-soňky sahypalarynda XIII asyr aýratyn möhüm orna eýedir.

Näme üçin?

1071-nji ýylda Beýik Soltan Alp Arslan Malazgirt söweşinde Wizantiýa imperiýasynyň örän güýçli ýaraglanan we sany ýüz müňden geçýän goşunyny aljyradyp, imperator Roman Diogen IV-ni ýesir aldy. O döwürler Wizantiýa imperiýasynyň dabarasy dag aşýardy. Dünýäde şondan güýçli döwlet ýokdy. Onuň howalasy hem köp-köp döwletleri, milletleri, serkerdeleri dyza çökerýärdi. Alp Arslanyň beýikligi diňe şeýle beýik imperiýany ýeňenliginde däl-de, eýsem şeýle köp goşunly döwleti şeýle az goşun bilen ýeňip bilenligindedir. Bu taýda geň galasy zat köp. Şonuň üçin bolsa gerek, o söweşiň hakykatyna häli-häzir müňkürlik edýänem tapylýar.

Alp Arslan şol ýeňişi bilen türk dünýäsiniň gelejegine ägirt uly täsir etdi. Şu çaka çenli Aziýanyň daglarynda, düzlerinde agyp-dönüp, ýeňip-eňilip, barha ulalyp barýan türkler Ýewropanyň gapysyny açmak üçin hut Alp Arslan öz ýeňişi bilen taryhy açar taýýarlady. Şondan soň Anadolyda – biziň jelegaýlarda aýdylyşy ýaly, Rumustanda seljuk-türkmen taryhy başlandy. Bu şöhratly wakalar bolmadyk bolsa, ýagny Alp Arslan Rumustany eýelemedik ýagdaýynda türk dünýäsiniň takdyrynyň neneňsi boljakdygyny göz öňüne bir getirip görüň.

Elbetde, nesibämizde rowaçlyklar bar ekeni.

Emma Malazgirt ýeňişinden takmyn 150–180 ýyl geçensoň, dürli-dürli, ownuk-ownuk begliklere bölünen Seljuk imperiýasy dargamak bilen bolýar. Ýeňşi gazanmakdan, ony soň elde saklamagyň has kynlygy hakda taryhy tejribe bu taýda-da tassyk bolýar. Kosmonawtlar aýtmyşlaýyn, uçmany köpler başarar, ýöne sag-aman gonmakda iş ba-ar.

Seljuklylaryň pese düşüşi beýleki köp-köp sebäpler bilen birlikde ahlak sebäpleri bilen-de düşündirilýär. Munuň üstesine mongol basybalyjylygy hem şol ýyllara gabat gelýär.

Şeýle ahwalda galan seljuklylar bir ahwal üçin Alla ýüz müň şükür etmelidiler –olaryň şeýle dagynyk ýagdaýynda günbatar goňşular has güýçlenip, jemlenip, düzedilmez zarbalar urmagy başarmadylar.

O zamanlar dini parhlara aýratyn bakylýan döwürler ahyry. Hristian papasy musulman türkmenleriň Anadolyda, araplaryň köp-köp ülkelerinde gutarnykly ýerleşmegini hi-de halajakmy?! Üstesine-de yslam dininiň baş goragçylary, esasan, türkmenlerdi. Şeýle jygba-jygly, duşmanlar bilen gizlin deňeçerlikli, ertirki güne umyt azalan ýyllar gelip ýetdi.

Ynha, türkmen taryhy üçin XIII asyryň aýratyn bir asyrlygy şundan gelip çykýar.

Möwlana Jelaleddin Rumy Balhdan, Hajy Bekdaş Nyşapurdan, Ýunus Emre, Ahy Ewren Horasanyň bir künjeginden Anadola barýançalar Anadolynyň özünde olaryň derejesindäki erenleriň ýetişmeýşine düşünesim gelýär. Ýogsa, Malazgirt söweşinden soňra Orta Aziýanyň, Kawkazyň, öňräk Azerbaýjana göçüp gelen türkmen maşgalalary Anadola müňläp-müňläp göç

edipdiler ahyry. Şolar bilen bile giden ylham hem pikir şineleri täze topraga kök ursalar-da orta derejeden ýokary geçip bilmändirler.

Bu nämäni aňladýar?

Bu öz beýik pelsepesi, original pikirleri bilen jemgyýeti bir ojaga bakdyryp biljek, olaryň pikir-duýgularyna bir toplum sypatyny berip biljek, ýaşaýşa, onda-da täze ýurt edinen topraklaryna baky eýedigine umyt döretjek ruhy liderleriň ýoklugyny aňladýar. Ruhy lideriň zerurlygy bolsa Aýdaky gara tegmil ýaly görnüp durdy. Bu zerurlygy Möwlana Jelaleddin Rumy hem-de onuň beýik atasy, Akyldarlaryň soltany adyny alan Bahaeddin Weled, Nyşapuryň soltany Seýit Muhammet Ybrahym Saniniň ogly Hajy Bekdaş, şahyrlyk joşguny dag sili deý kuwwatly şahyr Ýunus Emre, sosial-ýaşaýyş meselelerini çuň öwrenen Ahy Ewren wagtynda duýupdyrlar hem-de herekete geçipdirler.

Bu pelsepeçileriň, akyldarlaryň we şahyrlaryň öz mekanlaryny goýup, göwünleri Rumustana telwas urup, tüweleý deý göterilip gitmeklerini köp-köp alymlar mongol basybalyjylaryndan gutulmak üçin gidipdirler diýip tassyklasa-da, ýagdaý biziň ýokarda beýan edişimiz ýalydyr diýip ynanýaryn.

Deliller nämede? Birinjiden, o asyrlaryň adamlary ajaly kimiň berэдnligine цгдn berk ynanypdyrlar, şoňa gцгд, ajal эeten bolsa, ondan gaзyp gutulyp bolmajakdygyna, olar aňry эany bilen akyl эetiripdirler. Iki mysaly эьzugra эatladyp geзeэin: mongollar Horezmşalygynyň paэtagty Ьrgenji gabanlarynda beэik şeэh, kubrawiэa tarykatynyň başçeşmesi Nejmeddin Kubra hiз эana зekilmдn, gцзmдn, şol şäherde galypdyr

hem-de mongol serkerdesi gabawly şäherden зукур gitmдge Kubra ygtyэar berэдndigini aэdanda «Kubra:¨ men ildeşlerimiň takdyrynda näme bar bolsa, menem şony çekerin» diýip jogap beripdir.

«Oglum-Azadym» atly goşguda Döwletmämmet Azady Magtymgulyny Owganystana ibermejek bolup:

Garakçydyr ýollar, hyzdyr, haramdyr,
Ölermiň, galarmyň, gitmegil, oglum!

diýende, Magtymguly:

Kast edip janymga, ýetse ajalym,
Bu ýerde hem bolsa, tapar, Azadym!

diýýär.

Ikinjiden, eger olar mongol howpundan çekilip Rumustana giden bolsadylar, onda mongollar o ýerlere golaýlanlarynda, olar ýene bir ýere göçerdiler. Logika muny salgy berýär. Emma Jelaleddin Rumy hem, Hajy Bekdaşhem, Ýunus Emre hem beýtmändirler. Ýa-da olar: «Bizi mongol kowalap sypdyrjak däl, biz näme bolsak bolaly. Indi çekilmeris» diýen pikire uýdumykalar?! Men şu taýda biziň, siziň güman etmeýän, taryhyň syry bolup galan sebäpleriňem bolup biljekdigini hiç-hiç aradan aýyrmaýaryn.

Taryh syrsyz galmaz.Syrsyz bolsa, ol taryh däldir.

Jelaleddin Rumy Rumustanda mongollar meselesinde özboluşly, gyzykly hereket edýär.

Beýik Türkiýe taryhynyň 1-nji tomunda Ýylmaz Öztunanyň berýän maglumatlaryna görä, türk din adamlary, alymlary mongollara musulman bolaýjak millet hökmünde bakypdyrlar. Bu hakykaty Möwlana Jelaleddin Rumy hem duşundan geçirip goýbermändir. Ynha, onuň aýdany: “Sen tatarlardan gorkýan bolsaň,

Taňryny tanamaýarsyň diýmekdir. Men bolsa olara ýüz sany iman baýdagy bilen garşy çykdym”. Musulmançylygy kabul eden mongol serkerdesi Gazan Mahmyt han Rumynyň sözlerini öz hyrkasyna altyn harplar bilen ýazdyrypdyr. Rumynyň ogly Soltan Weled hem-de onuň ogly uly Aryf Çelebi mongol baştutanlary tarapyndan örän uly hezzet-hormata mynasyp bolupdyrlar. Olar mongollara gaty uly ruhy täsir edipdirler. Rumyny düýşünde gören mongol Ilhan Keýhatu Konýany talamakdan saklanýar. Soltan Weled başga bir butparaz mongol serkerdesi Irenjin Noýana musulmanlygy şeýle bir çuň düşündirýär weli, ol musulman-a bolýar, üstesine mewlewiýa tarykatyna-da eýeriji bolýar.

Ynha, taryhy hakykat şeýle.

Bu ruhy ýeňiş, many üstünligi bütin halka hem oňaýly täsir edýär. Öňki butparaz goşunbaşy, indi musulman goşunbaşy gol astyndaky musulmanlara gazabyny, zulmuny öňküden ýumşadýar. Türkleriň we mongollaryň birgeňsi özara düşünişmesi ýaly bir ahwal ýüze çykýar. «Kimiň medeniýeti ýokary bolsa, ahyrda şol ýeňýär» diýilýän hakykaty şu taýda ýatladasym gelýär. Elbetde, medeniýet sözüne gaty agyr ýük urulýany, gaty giň çäkler we çuňluklar berilýäni bellidir. Gürrüňini edýän zamanamyzda yslam medeniýetiniň, türk medeniýetiniň hem-de bu ikisiniň üstesine Möwlana Jelaleddin Rumynyň şahsy, öz medeniýetiniň birleşmesi ägirt güýç derejesine ýetipdir diýip bileris. 1207–1273-nji ýyllar aralygynda ýaşap geçen bu beýik pelsepeçi takmyn 14-15 ýaşlarynda atasynyň yzyna düşüp Rumustana barypdyr. Birnäçe

şäherde ýaşanlaryndan soň o döwrüň din, ylym, sungat merkezleriniň biri bolan Konýada ymykly mesgen tutunypdyrlar. Şol ýyllardan hem Möwlana Jelaleddin Rumynyň jemgyýete täsiri başlanýar, her ýyl saýy onuň owazyna täze ynsanlar, täze ülkeler, täze ýurtlar, hökümdarlar ýürek berýärler. Şeýdip, Anadoly erenleriniň uly hem beýik bir kerweni düzülmäge başlaýar. O kerweniň ýüki ylym, din-sopuçylyk (tasawwuf) hem-de ynsan meseleleri. O kerweniň agyr ýüki akyldan. Bilşiňiz ýaly, akyl–ony göteren başa köp-köp belalar getirýän bir zat. Edil artykmaç baýlygyň janyňy howpa düşürişi ýaly. Emma akyl we baýlyk arasynda uly tapawutlaryň biri: baýlygy taşlap bolar, emma aklyňy welin taşlaýyp bilmersiň. Ozaly, taşlamak islemersiň, soňra taşlamak mümkin bolmaz.

Aklyň berýän jebri hakda iki mysal: Uly şeýhleriň biri Şeýh Şibli asylyp öldürilen beýik sopy we akyldar hakda şeýle diýipdir: «Hallaç bilen men aýny pikirdedik, ýöne maňa diwanalyk ýöňkediler, şo sebäpli sypdym, akylly bolmasy ony (Hallajy) heläk etdi».

Ýer şarynyň, planetalaryň aýlanýanlygyny aýdany üçin Galileý jebre sezewar bolýar. Edilen sütemlere çydaman ol öz pikirinden dönýänini aýdypdyr, emma geplemäge dili baranda, ýene «Öňi-soňy aýlanýar-la» diýipdir.

Bu taryhyň sahypalaryndan. Emma gündelik işinde akyl zerarly neneňsi garşylyklar görmeli bolýandygyny özüni tanaýan ynsanlar bilýändirler. Magtymgulynyň aýdyşy ýaly: «Dünýäde aňlandan aňlamaz kändir». Şol bilmez köplük akylly, bilýän azlyga garşy elmydama hereketdedir.

Möwlana Jelaleddin Rumydan soň Hajy Bekdaş Nyşapurdan Rumustana ugraýar we köp-köp şäherlerden soň, Anadolynyň ortarasynda Suwluja Garahöýük diýen kiçijik obada mekan tutunýar. Şol taýdan hem ynsan köňüllerini öwrenmäge, oňa ýagşy täsir etmäge we köňül ýumşadyp adamlary birleşdirmäge başlaýar.

Soňra, haýsy şäherden, obadan gaýdanlygy belli bolmasa-da, Horasandan gidenligi anyk bolan Ýunus Emre Anadola aýak basýar. Ol türk şygrynyň gadymdan gelýän asyl lezzetine yslam suwuny garyp halka berýär weli, onuň şöhratynyň öňünde durjak güýç bolmaýar. Ol sada derwüş durmuşynda ýaşaýar. Egin örtüsi bolsa, elinde tesbisi bolsa hemem dür saçyp durka ýürekden diňleýjisi bolsa, başga zadyň aladasyny eden adam däl.

Ynha, bu beýikleriň Rumustanda erenlik, ýaranlyk, gamly köňüllere hemdemlik ruhy şol döwrüň jemgyetçilik ösüşine örän uly täsir edipdir. Dini parhlar, tapawutlar, milli özboluşlyklar, deri, dil, toprak aýratynlyklary – ählisi ikinji derejeli zatlar. Esasy zat – Beýik Allanyň huzurynda päk ynsanlar bolup galmak. Şu hakykatyň jemgyetçilik aňynda gaýnap başlamagy, kämilleşmegi, her gelen nesilde kök urmagy, Anadolyny gutarnykly dargamakdan halas edenliginden başga-da, eýsem gelejekki Osman imperiýasynyň döremegine, adamzada belli taryhda iň uly we iň uzak ýaşan imperiýa öwrülmegine sebäp boldy.

Hut ýokarky delilleri göz öňünde tutup hem, türkmen taryhynda XIII asyryň aýratyn orny barlygyny aýdypdyk.

# Hajy Bekdaşyň ömri hakda

Hajy Bekdaşyň kakasyna Seýit Muhammet Ybrahym Sani diýer ekenler. Ol Horasan soltanlygynyň soltany bolup, edara, ylym, sungat merkezi hasaplanan paýtagt şäheri Nyşapurda ýaşapdyr. Olaryň asly häzirki Türkmenistanyň Bekdaş diýen ýerinden bolup, soň Gazanjyk töwereklerine, o taýdanam Nyşapura we Rumustana göçen Türkmenlerdendir. Seýit Muhammet Ybraнym döwrüniň ylymly, ýokary medeniýetli, sagdyn adamkärçilikli adamlarynyň biri bolupdyr. Ejesine Hatme hanym diýipdirler. Ol şeýh Ahmet diýen Nyşapurly beýik alymyň gyzy ekeni. Olaryň maşgalasy Horezm töwereklerinden Nyşapura göçüp gelendir diýip käbir türk alymlary çaklaýarlar. Türkmen alymy, akademik A.Jykyew bekdaşlar diýen bir tiräniň günbatar ýomutlaryň düzüminde barlygyny, olaryň Gazanjyk (Bereket) töwereklerinde ýaşaýandyklaryny, bekdaşlaryň aňyrsyny yzarlap bermegi özünden haýyş edendiklerini aýtdy. Taryhçy K.Gurbanow hem bekdaş sözüniň tire adylygyny, olaryň ilki günbatar Türkmenistanda ýaşap, soňra bir böleginiň Nyşapura, Rumustana göçendikleri hakda özünde maglumat barlygyny aýtdy. Nohurlylaryň adam atlarynda Bekdaş ady köp ulanylýar.

Indi Bekdaşyň ömri hakda. Bekdaş(Türkiýedäki çeşmelerde Bektaş ýazylýar) käbir maglumatlara görä, 1209–10-njy ýylda doglup, 1270–71-nji ýylda aradan çykypdyr, başga maglumatlara görä, 1248-nji ýylda doglup, 1270–80-nji ýyllarda Rumustana barypdyr we 1337-nji ýylda dünýäden ötüpdir. Bekdaş sözi gadymy

seljuklylarda ulanylan söz bolup, bile, meňzeş, deň, mysal manysyny beripdir diýip türk alymlary ýazýarlar.

Türkmenistanda Bekdaş diýen ýer, tire, adam atlary bar. Bek daş, ýagny berk daş ýa-da beg daş– begiň daşy, daşlaryň begi, iň gözeli, gymmatlysy diýen manylary bar bolmagy hem mümkin. Uly kabylalaryň özleriniň taryhy daşy, meselem , Gülteginiň ýazgyly daşy. Gaýylaryň daşy ýaly. Başga pikirler-de bardyr.

Ýaşajyk Bekdaş Nyşapurda örän çuň bilimlere eýe bolupdyr. Arapçany, parsçany kitap ýazarlyk kämillikde öwrenipdir diýip alymlar aýratyn nygtaýarlar. Bekdaşyň berk, dogruçyl terbiýe almagynda, ylymda yzygiderli ilerlemeginde onuň mugallymy we ýol görkezijisi – rehberi Lokman Perende has ýakyn durýar. Ol bu oglanyň ýöne oglan däldigine, başynda akyl-pikiriň, üşügiň artykmaçlygyna ir göz ýetiripdir hem-de Bekdaşdan uly işlere umyt baglapdyr. Şol irginsiz dersler-sapaklar, edep-ekram hakda özara söhbetler dowam edýän günleriniň bir güni Lokman Perende Bekdaşyň sapak otagynyň gapysyny açanyna mähetdel otagyň üýtgeşik bir nurdan doludygyny, Bekdaşyň sagyndan bir kişi, solundan bir kişi turup, zym-zyýat bolandygyny görüpdir. Bu ahwalaty Bekdaşdan soranda, ol biriniň iki jahan Güneşi Muhammet pygamberdigini, ýene biriniň bolsa Hudanyň arslany Hezreti Alydygyny, olaryň mahal-mahal gelip, Kuran derslerini berýändigini aýdypdyr. Şondan soň Lokman Perende öz yhlasynyň kabul bolýandygyna begenip, işine hasam erjel ýapyşypdyr. Taryhy maglumatlara görä, şeýh Lokman Perende: «Dini-ylmy ýoly Hoja Ahmet Ýasawydan öwrendim. Ýasawy meniň

mugallymymdyr, halypamdyr» diýipdir. Başga bir çeşmede bolsa, Lokman Perendäniň halypasy Muhammet Hanefidir.

Lokman Perende özüniň ruhy-psihologik hem maddy mümkinçilikleri laýyk gelen halatynda haç towabyny etmäge ugraýar.

Käbä ýöne gidibermelidir diýip pikir edýänlerem bar. Käbä gitmegiň dini şertlerinden başga-da päk ynsanlyk ahlak-wyždan borçlaryny ýerine ýetirmegem zerurdyr ahyry.

Näme maksat bilen Käbä gidýäň?

Diňe hajy adyny edinmek üçinmi?

Ýa ony hem ilden saýlantgy görünmek üçin bir zat hasaplaýarmyň?

Ýa il içinde alybilmedik abraýyňy Käbeden almakçy bolýarmyň?

Hajy Bekdaş bu sowallara bir bentde örän jaýdar jogap beripdir:

Yssylyk otdadyr, o sajda däldir,
Keramat başdadyr, o täçde däldir,
Her näme gözleseň, özüňden gözle,
Küdüsde, Mekgede, o Haçda däldir.

Ýunus Emre bu meselede özüçe oýlanýar: «Birje köňül ýykan bolsaň, o kyldygyň namaz däldir» diýýär.

Döwletmämmet Azady:

Käbe weýran etmeden müň mertebe
Bir köňül ýykmak ýamandyr, eý dede.

Magtymguly Pyragy:

Bir ajy doýurmak Haçdyr, ýaranlar.

Ýokarda aýdylanlardan men şeýle many çykarýaryn, ýagny **Käbäniň mukaddesligi öz köňlüňdäki mukaddeslikden başlanýar.**

Şeýh Lokman Perende öz ýoldaşlary bilen Käbä gidýär. Zyýaratyň bir güni ol ýoldaşlaryna: «Ýaranlar! Şu gün-ä biziň öýmüzde pylan nahar bişýändir» diýýär weli, Allanyň gudraty bilen bu söz Bekdaşa aýan bolýar. Bekdaş halypasynyň öýüne barsa, aýdylýan nahar bişýärmiş. Onsoň o nahardan bir tabaga guýup, göz açyp-ýumasy salymda Lokman Perendä eltip gaýdanmyş.

Soňra Lokman Perende haç borjuny bitirip öýüne gelende, iller ony gutlamaga gelýärler. Bekdaşam gelýär. Ol: «Hajy bolupsyňyz, gutly-mübärek bolsun!» diýende, halypasy: «Hakyky hajy sensiň» diýip, gaýta ony gutlapdyr hem-de töwereginde oturanlara naharly tabak bilen bagly wakany gürrüň beripdir. Şondan soň Bekdaş adynyň öňüne Hajy lakamy berilýär. Ol şeýdip Hajy Bekdaş bolupdyr.

Dürli Welaýatnamalarda we Hajy Bekdaş hakdaky ylmy işlerde Hajy Bekdaşyň keramatlary hakda aýdylýar. Olarda rowaýat öwüşginleri-de, hakykat däneleri-de, elbetde, o zamanalaryň pikir ýörediş däpleri-de özüni görkezýär. Mysal üçin, Hajy Bekdaşyň bir keramaty hakda aýdalyň. Namaz wagty bolanda Lokman Perende Hajy Bekdaşdan täret kylmaga suw getirmegi haýyş edipdir. Hajy Bekdaş hem: «Bir nazar salsaňyz, suw şu taýdan akyp geçäýse» diýipdir. Muňa geň galan halypasy: «Beýle keramata mende güýç ýok» diýipdir. Ana, şo mahal Hajy Bekdaş gol göterip

Alladan dileg edipdir. Lokman Perende hem «Omyn» diýenden suw akyp başlapdyr.

Başga bir gezekde erenler Lokman Perendäňkä gelenlerinde Hajy Bekdaşyň gudratlaryny görýärler, Lokman Perende hem onuň köp-köp keramatlary hakda söhbet edýär. Diňleýjiler gaty geň galýarlar. Şo pursatda Hajy Bekdaşyň özi peýda bolýar. Ol: «Bu zatlary menden geň görmäň. Men Hezreti Alynyň neslindendirin. Alladan maňa nesip edendir-dä» diýýär. Oturanlar: «Muňa şaýatlyk etjek bir belligiň barmydyr?» diýip soranlarynda, ol eliniň aýasyndaky we alnyndaky ýaşyl meňleri görkezipdir.

Ýene bir pursatda Horasan erenleri Hajy Bekdaşdan: ”Piriň kimdir?” diýip sorapdyrlar. Ol: Kim künji ýapragynyň üstüne namazlyk ýazyp namaz okasa, şony öz piri hasaplajagyny aýdypdyr. Olaryň hiç biri hem bu işi başarmajagyny aýdypdyrlar-da: “Özüň başararmyň?” diýip sorapdyrlar. Hajy Bekdaş olaryň gözüniň alnynda künji ýapragynyň üstüne namazlyk ýazyp namaz okapdyr weli, erenleriň ählisi, şol sanda Lokman Perende hem başlaryndan telpegini çykarypdyrlar. Hajy Bekdaş olara minnetdarlyk bildiripdir. Şondan soň Hajy Bekdaşyň beýikligine göz ýetiripdirler we oňa aýratyn hormat goýupdyrlar. (Bu aýdylanlar beýik alym F.Köprüliniň «Türk edebiýatynda ilkinji mutasawwyflar» Ank. 1991. diýen kitabyndan alyndy.)

Hajy Bekdaşyň keramatlary hakda uly il habardar bolansoň, oňa Weli derejesini beripdirler. Onsoň ol Hajy Bekdaş Weli diýlip atlandyrylypdyr. Türk çeşmelerinde, şeýle hem arapçadan, parsçadan türkçä

terjimeleriň ählisinde onuň ady Hajy Bekdaş (Bektaş) Weli diýlip tutulýar.

Hajy Bekdaş Welä bu abraýlar, bu şöhratlar gelip ugranda, onuň kakasy, Horasanda näçe ýyllar soltanlyk süren Seýit Muhammet Ybrahym sani o dünýä ýola düşýär. Horasana soltan bolmagy Hajy Bekdaş Welä teklip edýärler. Ol bu teklibi kabul etmeýär we soltan täjini dogany Hasana geýdirmegi maslahat berýär. Hasan Horasana soltanlyk hökmüni ýöredip başlaýar. Hajy Bekdaş Weli bolsa, öz ylmy bilen boluberýär. Emma uzak ýyllardan bäri köňlüniň atygsap duran ýeri bolan Rumustan oňa rahatlyk bermeýär. Ahyry, sähetli günleriň birinde Menteşdiýen dogany bilen ýüzüni Rumustana tutup Nyşapurdan çykýarlar. Olaryň haýsy aýda, näçenji ýylda gidenleri anyk däl, başga kimleriň barlygy hem belli däl. Olaryň Nyşapury iň soňky gezek görýändikleri welin taryhy çeşmelerde ikuçsyz aýdylýar.

Hajy Bekdaş Weliniň we Menteşiň giden wagtynda beýik halypa we mährem ynsan, şeýh Lokman Perendäniň ykbaly neneň bolduka? Ýa o döwre çenli amanadyny tabşyraýdymyka, biçäre? Bu sowallar, häzirlikçe, taryhyň syrly sahypalarynda gizlenýär. Ýöne Lokman Perende ady bilen Hyratda bir öwlüýä barlygyny, şo ýere hormatly adamlaryň köp jaýlanandygyny alymlar gadymy ýazgylardan kesgitläpdirler. Emma o Lokman Perendemi, ýa başga bir atdaşymy?! Bu sowalam jogapsyz galýar.

Olar Nyşapurdan çykyp, bir maglumatda, Nejep, Mekge, Medine, Küdüs, Halap, Elbistan, Siwas, Kyrşehir, Kaýseri we iň soňunda-da kiçijik bir oba

bolan Suwluja Garahöýük diýen ýere gelýärler hem-de şol ýerde hemişelik düşleýärler. Dogany Menteş bilen birlikde şeýh Baba Ylýasyňkyda myhman bolýarlar. Baba Ylýas hem uly sopy hem-de şeýh Dede Garkynyň şägirdi. Olar gönüden-göni Türkmen kabylasyndan. Üstesine-de, Hajy Bekdaş Weli bile Menteşiň, ozaly bilen, Baba Ylýasyňka barmaklaryndan köp many çykarýarlar. Olar öň tanyş, bir şäherden, bir kabyladan ýa-da şuňa meňzeş bir sebäpler bolup biler. Soňra Menteş yza gaýdýar, emma Siwasa gelende ajaly ýetip ýogalýar. Hajy Bekdaş Weliniň Rumustana gidişi hakda başga bir maglumata görä, ol Mekgä baryp, üç ýyllap müjewirligem edipdir.

Rowaýatlaryň birinde Türküstandan erenleriň biri tut taýajygyny Anadola baka uçuryp goýberenmiş. Soňra şol tut taýajygy Suwluja Garahöýük diýen oba düşüp, kök uranmyş. Hajy Bekdaş Weli hem şol agajy tapyp, şol ýerde mesgen tutanmyş.

Dogrudanam, Hajy Bekdaş Weliniň mawzoleýiniň ýerleşýän meýdanynda örän garry, şahalary şahalara çatyşyp giden, elýeterdäki şahalaryna-da, edil Orta Aziýa öwlüýälerinde edilişi ýaly, ak esgiler daňylan bir epeý tut şu mahalam dur. Muny öz gözlerim bilen gördüm. Rowaýaty bir ýana goýup, şu taýda gögeren tuduň bu mukaddes bir ynsany, örän beýik bir alymy görenini görmänini bilesim gelip, o gojaman tuda uzak bakdym durdum. Tutdan owaz çykmady. Bu geçen asyrlar onuň dillerini lal edene çemli.

Alymlar tutly meseläni agzanlarynda o tudy simwol hökmünde görýändiklerini ýazýarlar. Miwe bermek, onda-da ýumşak miwe bermek. Ýapragyndan ýüpek

döremek. Ýüpegi ýumşaklygyň, mylaýymlygyň we mylakatlylygyň aňladyjysy hasaplaýarlar. Ýüpek ýaly ýumşak adam, ýüpek ýaly ýumşak saçly, ýüpek ýaly göwünli diýen söz düzümleri hem ýokarky pikirimiziň tassyklamasydyr.

Hajy Bekdaş Weli başga şekile geçip gezende gögerçin görnüşindemiş diýip hem rowaýat edipdirler. Gögerçinem parahatçylygyň, ylalaşygyň, umytlylygyň we hoşgörmäniň (türkçe – hoşgöri, ýagny hoşamaýlyk, diňe ýagşylygy, hoşlugy görmek, geçirimlilik, pidakärlik, ýamanlygy ýaýratmazlyk we şuňa kybapdaşlar) simwolydyr.

Beýik alym hem sopy (tasawwufçy) Anadola baranda Baba Ishak diýen bir türkmeniň öňbaşçylygynda uly bir topalaň turýar. Oňa gatnaşan köp bolýar, emma Hajy Bekdaş Weli bu topalaňa goşulmak däl, gaýta daş durupdyr.

Sebäpleri näme?

Her bir topalaň zorluk, kanunlary äsgermezlik, ar almak, gahar joşdurma we ahyrda akyl bilen hereket etme däl-de, duýgularyň jylawyna başberme ýaly ynsançylyga laýyk däl hereketler ahyry. Onsoň oňa Hajy Bekdaş Weli hiç-hiç goşulmaz. Ol bu ýere, arzuw çeke-çeke gelen Rumustanyna başga-başga niýetler bilen, has uly maksatlar bilen gelipdi ahyry. Elbetde, adamlaryň bu gan döküşligine, ynsanlygy taşlap, wagşylyga gadam uruşlaryna Hajy Bekdaş Weli gynana-gynana özüni pynhan jebirlere sezewar edendir.

Göwnüme bolmasa, adamzat wagtal-wagtal wagşylaşmak, bu dünýäni azyrganmak ýaly hassalygyny, hernäçe össe-de, hernäçe ýokary

medeniýete ýeten-de bolsa, gaýtalap bilýär öýdýän. Eger bu şeýle bolsa, bu kanunalaýyklyk bar bolsa, onda adamzada düşen paý örän ýaramazdyr. Adamzadyň halyna «Waý» diýäýmeseň, başga aýdara söz galmaýar.

Hakykatda-da şeýlemikä?

XX asyryň soňky altmyş ýylynda näçe gyrgynçylyklar boldy ahyry. Diňe Oswensim konslagerinde 4,5 million ynsanyň ýakylyp, diri gömülip, başga dürli gynamalar, wagşy synaglar arkaly ýok edilendigini Adamzat jemgyetiçiligi unudyp bilenok. 1971-nji ýylda Polşanyň bu ýerindäki muzeýe baramda, ol wagşylygyň subutnamalaryny göremde özümiň adamlygyma utandym.

Million-million ynsanyň erkini ganly eline alyp, olary dilleri kesilen ýaly ýagdaýa salýan diktatorlara näme diýersiňiz?! Stalin, Çauşesku, Saddam...

Süleýman ýaly beýik häkimlere birje garynjanyň hem arzyny diňledýän ideallar bar.

Magtymguly döwründe näçe şalar, soltanlar, hökmirowanlar bolup geçipdir, emma nesliň aňyna Magtymguly nur saçyp dur.

Bu meseleler Hajy Bekdaş Weliniň zamanasynda-da, gürrüňsiz, bolandyr. Ol zuluma garşy göreşiň özboluşly bir ýoluny düzüp başlaýar: Zulumy çeşmesinde ýok etmeli, köki bilen soguryp taşlamaly. Her ynsanyň köňlünde içki kontrollyk emele geler ýaly ahwal döretmeli. Hajy Bekdaş Weliniň bu ýoluna inçe psihologik ýol diýip bileris. Türk alymlary muny has jaýdar söz bilen aňladypdyrlar, olar «Näzik ýol» diýýärler.

Şu taýda pelsepeden biraz çekilip, Hajy Bekdaşyň mesgen tutunan Suwluja Garahöýük obasy hakda, obanyň töwerekleri, tebigaty, ilaty hakda aýdyp geçeliň. Soňra pelsepe dowam ediberer.

Oba, dogrusy, öň oba bolup, häzir etrap merkezi halyna gelen bu ýeriň häzirki ady Hajy Bekdaşdyr. Hajy Bekdaş şäherçesiniň taryhy Hajy Bekdaş Welidenem has uzaklara gidýär. Ol Ankaradan Kaýserä gidýän ýoldan takmyn 15 km gyradadyr. Bu şäherçe deňiz derejesinden 1270 metr beýiklikde ýerleşýär, töwerekleri baýyrlyk we uzaklaşdygyňça, ýagny häzirki Newşehire baka gitdigiňçe daglaşýar. Üýtgeşik-üýtgeşik görnüşli, edil ynsan eli bilen ýörite çapylan ýaly äpet daşlar gözýetimi gurşaýar. Gyzylyrmak derýajygy sessiz akýar. Hajy Bekdaş şäherçesi dünýä belli dag gowaklary bolan, şoňa görä-de turizmiň iň ýörgünli ýerleriniň biri gadymy Kapadokiýa (täze ady Newşehir) şäherinden 45 km uzaklykdadyr. Bu ýeriň howa ýagdaýy Türkmenistana çalymdaş, tomsy yssy hem az ygally, gyşy bolsa sowuk hem ygalsyzdyr. Ýerli ilat, esasan, ekerançylyk, maldarçylyk bilen meşgullanýar, bu taýynyň meşhur kartoşkasy bar, elbetde, Türkiýäniň ähli ýerinde bolşy ýaly, bu taýdaky ilat hem örän üýtgeşik naharlar bişirmäge ökde. Örän güýçli aşhana medeniýetini elden bermeýärler.

Häzirki wagtda Hajy Bekdaş şäherçesiniň ýaşaýjysy 10–20 müň aralygyndadyr. O jelegaýlarda gaýmak daşy diýilýän örän üýtgeşik daşdan dürli zatlar ýasaýarlar, özem görüp gözüň doýar ýaly däl. Keramikadan hem örän nepis zatlar ýasaýarlar. «Bizde toprak sungat bolar» diýen ganatly sözlerem şolaryňky. Şeýle

bolansoň, o taýlaryk myhman düşeniň daşdan ýüküni ýetirip goýberýärler.

Hajy Bekdaş şäherçesi beýik bir alymyň ýaşap, mazarynyň ýatan ýeriligi üçinem kiçi Käbe derejesinde meşhurdyr. Her ýyl Hajy Bekdaş Weli dabaralary geçirilýär. Köp millet üýşýär. Döwlet ýolbaşçylary hem gatnaşýarlar. Türkiýäni gurujy beýik Mustafa Kemal Atatürk baryp-ha täze döwlet gurýan döwürlerinde, şeýle gyzgalaňly işleriniň arasynda 1919-njy ýylyň 22–23 dekabrynda Hajy Bekdaş Weli mawzoleýine zyýarat etmäge wagt tapypdyr. Umuman, ýeri gelende aýtsam, Türkiýe öz mukaddeslikleriniň gadyryny-sarpasyny saklap bilýän ýurt.

***

Ýene pelsepä dolanalyň. Hajy Bekdaş Weli öz döwrüne çenli belli bolan pikir akymlaryny örän içgin öwrenendir diýip çaklaýaryn. Sebäbi onuň guran ýoly metod taýdan, ýagny ynsana çemeleşiş usulynda örän parhlydyr. Alymlaryň, pelsepeçileriň köpüsi täze pikirleriň, täze ylymlaryň yzynda ser-sepil bolup ýörkä, Hajy Bekdaş Weli hem täze pikirden, täze açyşlardan uzakda däldi. Emma ol pikir energiýasyny täzeler üçin däl-de, esasan, adamzadyň öňki toplan pikir hazynasyny özi üçin ulanmaga, şunda özi üçin ulanarlykly pikirleriň jemgyetçilik pikirine, ösüşine, umumy topluma garşy bolmazlygyny gazanmak arkaly ulanmaga köp üns berdi. Ol şeýle ýol bilen zulum ýoluny kesmek, bentlemek bolar diýen düşünjededi. Zulum ýoluny, zorluk ýoluny kesjek bolsaň, ozaly bilen özüňde

hoşgörme-geçirimlilik endigini ösdürip terbiýelemelisiň. Hoşgörme sözüniň neneňsiräk duýgulara, pikirlere degişlidigini öňräk ýatlapdyk. **Dünýäni, adamzady, tebigaty hoşgörjek bolsaň, ozaly bilen, ilkinji şert, sen erkin ynsan bolmalysyň.** Ynha, pikiri ulanmagyň şu basgançaklar sistemasy Hajy Bekdaş Weliniň beýnisinden mumyýa ýaly gaýnap çykandyr. Hoşgörme ideýasy Hajy Bekdaş Weliden öňem, Kurany Kerimde, hadyslarda, Hoja Ahmet Ýasawy we beýlekilerde, onuň zamanasynda, aýtsak, Möwlana Jelaleddin Rumyda, Ýunus Emrede, soňky nesillerde barlygyny hiç-hiç unudyp bolmaz. Ýöne Hajy Bekdaş Weli hoşgörme ideýasyny hemmetaraplaýyn, çuň işläp, kämilleşdiripdir. Soňra bu ýoly Hajy Bekdaş Weliçe baýlaşdyran bolmandyr diýsek ýalňyş bolmasa gerek.

Şoňa görä-de Hajy Bekdaş Weli diýilse, ol hoşgörmäniň sinonimi ýaly eşidilýär.

Indi Hajy Bekdaş Weliniň maşgala durmuşy hakda bar bolan maglumatlardan Sizi habarly edeli. O hakda örän az faktlar bize gelip ýetipdir. Bir maglumata görä, Hajy Bekdaş Weli öýlenmän, müjerret geçipdir. Başga bir maglumatda ol Idris hoja diýlen bir adamyň Patma diýen gyzyna öýlenipdir (onuň lakamy Hatynjyk ene), olaryň Ybraýym Seýdi diýen ogullary bolupdyr. Türk alymlary soňky maglumaty ähtibarly görýärler we köp-köp delil getirýärler. Bekdaş Weliniň garyndaş ýoly häzirem dowam edýär.

## Hajy Bekdaş Weliniň öwütleri hakynda

Dogrusy, şu öwütleriň jemi Hajy Bekdaş Weliniň näzik ýoluny emele getirýär. Hoşgörme ideýasynyň elementi, hünji düzümi ýaly, şol öwütleriň her birinde jaýdar aýdylýar. Bir öwüt beýleki öwüt bilen berk baglanyşykly hem-de bir-biriniň üstüni ýetirýärler.

Bizem, başardygymyzdan, her öwüde aýratyn nazar öwürip, öz pikirimizi orta atmakçy. Bu pikirler, hormatly okyjym, Siziň pikirleriňiz bilen hökman laýyk gelmegi zerur däldir. Pikir gazanyna her kim gurbunyň ýetdiginden pikir atsyn. Edil ýaglyja omaça atan ýaly. Gazan lasyr-lasyr gaýnasyn. Ana, şonda dogry, anyk, dürs, hakyky pikiri ýüze çykarmak aňsat bolar.

Deňizde bir balyk ýüzse, ondan deňiz bolarmy, ondan balyk bolarmy?!

## Ynjasaň-da ynjytma

Hawa, bu taýda bir syr, ýa bir çylşyrymlylyk ýok ýaly. Emma birbada şeýle görünýär. Bu öwüdi gaýta-gaýta ýatlaň-da, rahatlykda, pynhanlykda-ýalňyzlykda çözgütlerini tapyp başlaň, bakaly. Çuňlaşdygyňyzça täze meseleleriň üstünden bararsyňyz, öňki pikirleri baýlaşdyrmak, käbir netijeleriňizi inkär etmek, gümana salmak, neneňsi jogap tapjagyňyzy bilmän ikirjiňlenmek we şuňa kybapdaş ahwallar başyňyza düşse gerek. Owal-başda üç garyşboýlyja nahal ýaly görnen zat soňra her şahasy öküziň boýny ýaly ýogyn-ýogyn belent agaç derejesine ýeter.

Gündogarda «Ar almaly» diýen düşünje örän irden bäri bar. Harydyňy aldymy, goşlaryňy aldymy, harydyny almaly, goşlaryny almaly. Gan çykardymy, senem gan çykarmaly, eger gan çykaran dünýäden giden bolsa, ýa başga bir sebäbe görä ondan ar almak mümkinçiligi bolmasa, o halatda yzynda galan erkek gandüşerlerden ar alynýar ekeni. («Gandüşer» diýen söz hem şo zamanlarda dörän bolsa gerek.) Namys meselesine has gyzmalyk bilen garalypdyr, sähelçe güman edildigi uly bir betbagtlygyň üstünden barylýan halatlary seýrek bolmandyr. Ýewropada rowaç alan dueller hakda taryhdan näçe okapdyk. Beýik şahyr Puşkin şo dueliň pidasy bolupdy.

Şo zamanlarda ar alynmasa, duele çykylmasa, başga çykalga ýok ýaly görnüpdir.

Adamzat heniz-de ýaşap ýör, ýöne hany o dueller, gylyç syrmalar, sapança direşmeler?!

Diýmek, her zadyň çykalgasy bar ekeni. Esasy zat: meseläni çözmäge gahary goşmaly däl. Gahar – hakykatda ynsany ýakyjy bir ot. Akly-paýhasy bir ýana kowup, özi häkimlik edesi gelýär. Men wraçlaryň birinden gahar hakda pikirini soramda, ol: «Gahar adamy iýiji bir zat, adam gaharlananda bedendäki witaminler ýanyp ýok bolup başlaýar» diýdi.

Şeýle bolsa, gahara gapy açmazlyk üçin näme etmeli?

Geçirimli bolmaly we ýene bir gezek geçirimli bolmaly. Ynsan gatnaşyklarynda bu häsiýete aýratyn uly sarpa goýulýanyny hemmämiz duýýarys. Hatda uly-uly baýlygyny ile paýlaýan sahylardan hem geçirimli adam öňde goýulýar. "Ýagşylyga ýagşylyk her kişiniň işidir, ýamanlyga ýagşylyk är kişiniň işidir", "Daş bilen urany aş bilen ur", "Zulum zulum döreder", "Ýeňişleriň iň ulusy özüňi ýeňmekdir", "Özüňi süýt bil, özgäni gaýmak", "Öz göwnüňi ýykmasaň, kişi göwni aldyrmaz", "Ýamandan boýnuňy satyn al". Möwlana Jelaleddin Rumy: "Birkemsiz dost gözlän, dostsuz galar" diýipdir.

Elbetde, geçirimli bolmak üçin özüňde uly gaýrat bolmaly. "O saňa şeýtdi, bu saňa beýtdi. Näme üçin sen olaryň jogabyny berip bileňok. Sen olardan kemmisiň? Il seniň üstüňden gülýär, saňa namart diýýärler" diýip, içki bir gara güýç, daşky gyjytlara ses goşup, seni gozgajak bolýarlar. Şonda gozganman, kelläni şol öňki sowuklygynda saklamakda iş bar.

"Sen bu gezek jogabyny bermediň weli, onuň indiki gezek edişine bir bak" diýip, başga güýç seni wehim dumanyna baka çekelär. Şeýle ýagdaýda ruhy

dartyklyga ýol bermän, ADAM bolup galaýmak ýeňil-elpaý işmidir?!

Hajy Bekdaş Weliniň: “Ynjasaň-da ynjytma” diýen öwüdiniň aňyrsynda “Dur!”, “Saklan!”, “Garaş!” diýen ýaly bir owazlaram eşidilýäne çemeli. Sebäbi şuňa laýyk duýguly bir bendindäki setirlere üns beriň:

Saklangyn! Hiç kimiň köňlüňi ýykma.
Gerçek erenleriň ýolundan çykma.
Eger ynsan bolsaň, ölmersiň, gorkma!
Aşygy gurt iýmez, o çetde däldir.

«Garşylyk görkezmezlik teoriýasy» diýlen bir akym hem günbatarda ençe asyr ünsi çekipdi. Beýik rus ýazyjysy Lew Tolstoý bu teoriýa bilen içgin gyzyklanypdy we şonuň üçin bolşewikleriň tankydyna sezewar edilipdi. Bu akymyň kökleriniň gaty gadymydygyny aýtmalydyrys.

Garşylyk görkezmezlik – zulumy gylawlandyrýan bolaýmasyn, belki, ýamanlyk rowaçlanýandyr?

Meniň pikirimçe, şu taýda iki zady gözden salmaly däl. Birinji, bu «Ynjasaň-da ynjytma» diýleni adamlaryň bir-birek bilen gatnaşyklary hakdadyr. Jemgyet başga. Gitler faşizmi ýurtlaryň üstüne sürnüp başlanda garşylyk görkezmezlik öz ölümiň bilen tamamlanjak ahyry. Ikinjiden, içki psihologik momente, ýagny rahatlygy bozan tarap jogap urgusyny, garşylyk almadyk halatynda öjükmez, gowşaşar. Üstesine-de ynsançylykdan çykylmagynyň özi eýýäm o şahs üçin uly bir betbagtlyga uçramakdyr. Adamdan almadyk jogabyny Beýik Allanyň örän jaýdar berjekdigine

ynanmak hem özgäni ynjytmazlyga elter. Ogrynyň neneňsi ruhy sütemlere duçar bolýandygyny aklyňyzda aýlaň, bakaly. Gorky, biliner-bilinmez diýen tükenmez güman. Her niçik-de bolsa, öz ýanyňdan özüňi özgeleriň derejesinde goýup bilmezlik we başga-da müňlerçe ahwallar. “Ogry syrty gowşak” diýip türkmen aga ýönelige aýtmandyr ahyry. Ýazyjy F.Dostoýewskiý “Jenaýat we jeza” romanynda ynsanyň içden çüýremesini açyk görkezipdir.

Ynsanyň özgäni ynjytmajagy ýüz-gözünden, sözünden ýa-da iki tarapyň hem görüp bilmeýän, açyk duýup bilmeýän biomeýdanynyň täsirinden belli bolanda, ynjy berjek adam kähalatda niýetinden dönmegi mümkindir.

Şu taýda hereketdäki, ýagny maddy ýeňiş hakda däl-de, eýsem ruhy ýeňiş hakda gürrüň barýanyny hem aýtmalydyrys.

Hajy Bekdaş Weliniň “Ynjasaň-da ynjytma” diýen öwüdini beýleki öwütlerinden ilkinji nobatda getirmegimiziň sebäbi – bu öwüdiň ynsan ýaşaýşynda baş rol oýnaýanlygydyr. Ynjytman ýaşap bilseň, bu durmuş ýaşarça bardyr.

## Geliň, janlar, bir bolalyň, iri bolalyň, diri bolalyň

Hajy Bekdaş Weliniň bu öwüdiniň syryny hem her kim özüçe açyp biler, özüçe düşündirer, özüçe ulanar. Ýöne netije welin bir bolar. Beýik akyldarymyz, ynsanlar bir-birden dünýä inse-de, toplum bolup, jemgy?et bolup, jem bolup ýaşamak üçin ýaradylanyny göz öňünde tutan bolsa gerek. Bu zerurlyk haýwanat, ösümlik dünýäsinde-de şeýledir. Hatda asman-zemin, planetalar, ýyldyzlar üçinem şol bir kanundyr.

Adamzadyň ýaşaýşynda maşgala, garyndaşlar, jemgyet (millet, döwlet) ýaly üçburçluk emele gelýär. Olaryň hem bir-birege bagly, kökenlidigi, azdan köplüge, köplükden azlyga täsirlidigi, aýtmasak hem bellidir.

Normal, adaty maşgalanyň rahat ýaşamagy, dowam etmegi üçin maşgala agzybirligi zerur. Äriň aýalyna, aýalyň ärine hormaty, bir-birege geçirimlilik, ikisiniň bir hörpde gopmagyna ýardam berýär. Är-aýal birleşip çaga-bala ýetişdirýärler. Şol çagalaryň il deňinde ulalmagy, jemgyete goşulmagy üçin är-aýalyň agzybirligi ilkinji şertdir. Mydama çar ýana egilip-galyp duran agaçda guşlaryň höwürtge gurmaýşy ýaly, agzala maşgalada-da oňly nesil ýetişmeýär. O nesiliň ilkinji ýetmezi – durmuşa ynamsyz, geldi-geçer bakyşdyr.

Ata-eneden çaga şeýle bir köp zat miras geçýär weli, oýlanyp-oýlanyp aklyň haýranlar galýar. Köçe-köçe, öýme-öý syryp, selpilläp ýören bir ganjyk itiň güjügini hem-de häsiýetlije, bir öýden ýal iýip, bir eýäniň gözüne

bakyp ýören bir ganjyk itiň güjügini alyp, deň şertde idedip başlapdyrlar.

Näme bolandyr öýdýärsiňiz?

Hälki gezegen itiň güjügi aýak bitenden ygyp başlapdyr, degmesiz zatlara agyz urup, girmesiz ýerlere girip başlapdyr.

Dogry, kähalatda şerte görä hem bolýar, emma, köplenç, her zat aslyna çekýär. Bäý, bäý, çekýär-ä.

Hut şonuň üçin bolsa gerek, beýik Magtymguly:

Asly ýaman bolsa, çykmaz ýagşylyk,
Aslyga dartadyr ýüwrük, çamanlyk.

diýen örän synçy setirleri ýazypdyr.

Asyl yzarlamak, aslyn soramak diýen düşünje şundan çykandyr.

Agzybir maşgala terbiýeliligiň hem alamatydyr. O maşgalanyň ulalmak, köpelmek, örüsini giňeltmek, ýagny jemgy?etde abraýly orunda durmak umydy güýçlüdir.

Iki ynsanyň, ýagny är-aýalyň agzybirligi üçünji bir ynsanyň agzybirlik tapmagyna, ahyrda maşgala agzybirligi, soňra o maşgalanyň beýleki maşgalalar bilen agzybir ýaşaşmagyna mümkinçilik döredýär.

Sagdyn maşgalalaly jemgyetiň ýokary ösýänligi, maşgala meselesine jemgyetiň aýratyn bakmagynyň zerurlygy hakda gürrüňem bolup bilmez.

Agzybirlik elmydama ikitaraplaýyndyr. Agzybirlik dymmagy, zor bilen dil baglamagy, galplaşdyrmagy we ýalan şowhuny kabul etmeýär.

Maşgala, sagdyn, pugta hem aýak üstünde gowy durup bilenliginde, garyndaşlara-da täsiri örän uludyr. Tutuş garyndaşlaryň uly bir toparyny öz ganatynyň

astynda saklap, olary dogry ýola ugrukdyryp, agsanyny eýerdirip duran maşgalalary obalardan, şäherlerden synlap bilersiň. Şeýle maşgalalar bilen garyndaşlyk açmak meýilleri hem artyberýändir.

Agzybire – Taňry biýr,

Agzalany gaňrybiýr.

Agzybirlik – ähli işiň seresidir.

Agzybirlik ähli zatdan güýçlüdir diýen nakyllar, durnukly söz düzümleri bilen birlikde Magtymgulynyň:

Agzy ala bolan iliň
Döwleti gaçan ýalydyr

ýa-da

Agzy ala kowumlara baş bolmaň

ýaly sözlerini hem ýatlatsak kem bolmaz.

Ynha, ýokarky mysallar Hajy Bekdaş Weliniň ýalbaryplar, özelenipler aýdan sözleriniň tassyklanmasydyr.

"Geliň, janlar, bir bolalyň, iri bolalyň, diri bolalyň" diýleninde birleşmek, bir bolmak – iriligiň, ululygyň ýoludyr. Irilik bolsa – diriligiň, ýaşaýşa, şu dünýäniň keşigini çekmäge taýýarlygyň başlangyjydyr.

Hajy Bekdaş Weliniň öwütleriniň gowy taraplarynyň biri – ol öwütleriň uniwersallygydyr, köp meseleleri öz içine alybilýänligidir. Şoňa görä, ýokarky öwüdi din, jyns, dil, milletara gatnaşyklar meselesine-de degişli ulanyp bileris.

Hiç bir ynsanyň, milletiň haýsy dini ynanjyna garamazdan, olaryň ak beden, gara beden, ýa gyzyl derilidigine parh goýmazdan, haýsy dilde sözleýändigini tapawutlandyrmazdan agzybir ýaşaşmak, bir-birege hemaýat etmek we şeýlelikde diri galmak,

aýakda durmak, ýaşaýyş ukybyňy ýitirmezlik zerurdyr. Tebigat adamzat jemgyetiniň bu duýgularyny wagtal-wagtal synag terezisine mündürip görýär. Ýer titremeler, suw joşgunlary, dürli epidemiki keseller we şuňa meňzeş beýleki howplar älem möçberinde alanyňda toz-tozanja hem bolmadyk bu kiçijik Ýer planetasynda uly aladalara, gowgalara uçrap ýören adamlary synamagyň gazaply usulydyr.

Ýol ugruna aýdyp geçsek, Adamzat Ýer şarynda köpeldigiçe tebigata zyýany has artýar. Onsoň ekologik problemalary çözmek mümkinçiligi azalýar. Eger Adamzat häzirki ýaşaýyş usulynda ýaşamagyny dowam etdirse, onda has beter ekologiki betbagtlyklaryň tiz geljekdigini dünýäniň ekolog alymlary howsala bilen ýazýarlar. Şeýle ýagdaýda **Ýer şarynda ýaşaýan her bir ynsan dünýäniň depesinden garamagy başarmalydyr.**

Şol ýyllarda, on üçünji asyryň şo tümlüginde “Geliň, janlar, bir bolalyň, iri bolalyň, diri bolalyň” diýip bilmek dünýäniň depesinden garamakdyr, örän uly açyş derejesindedir. Muny Hajy Bekdaş Weli aýdyp bildi. Şeýle pikiri şol ýyllarda Möwlana Jelaleddin Rumy hem şygyr bilen aýtmaga kuwwat tapypdy:

Gel, gel! Ne olsaň ol, ýene gel!
Kapyr, butparaz, otparaz bolsaň-da ýene gel!
Biziň dergähimiz umytsyzlyk dergähi däldir,
Tobaňy ýüz gezek bozan bolsaň-da gel!

Diýmek, şo zamanalarda şeýle ruhy böküşler-ösüşler üçin toprak taýýarlanan ekeni. Hajy Bekdaş

Weli hem, Jelaleddin Rumy hem birden-bire beýle beýik pikiri aýdyp goýberen däldir. Şol pikire ýetmek-barmak üçin jemgyetçilik pikiriniň aňyrdan akyp gelşi batly bolandyr. Aňyrdan gelýän pikir-akyl, many-ruh silleri hakda ýazmaga bu kitabyň sahypalary ýetmez, aýratyn kitap ýazmak zeruryeti direnip dur.

On üçünji asyryň ikinji ýarymynda Möwlana Jelaleddin Rumy, Ýunus Emre we bu kitapda tanatdygymyz Hajy Bekdaş Weli ýaly beýik şahslaryň özge türk ülkelerinde ýoklugyny hem ähli pikir-many ojagynyň Rumustana göçenligi bilen düşündirse bolar.

Möwlana Jelaleddin Rumy – pikir ojagy boldy.

Hajy Bekdaş Weli – pikiri ulanmagyň usuly ojagy ýa-da mähremlik ojagy boldy.

Ýunus Emre – şahyrlyk ojagy bolup, pikir-manylary, olary ulanmagyň usullaryny dünýä ýaýdy, her köňüle gapy açdy.

Bu köki bir üç çynaryň bir-biregi neneňsi bezeýändigini, neneňsi goldaýandygyny we neneňsi beýgeldýändigini synlamanyň öz lezzeti bar.

## Duşmanyňyzyň hem ynsandygyny unutmaň

Umuman, hoşgörme ideýasy duşmanlygy aradan aýyrmagyň alajyny gözleýän bir ideýadyr. Emma durmuşda müň bir sebäpler arkaly, özüňize bagly bolmadyk ýagdaýlarda, duşmanlydygyňyz belli bolsa, o duşmana duşman bolup daraşmak gaharyň alamatydyr. Ony bir ýollar bilen ýumşatmak, oňa duşmanlygyňyzyň ýoklugyny anyk görkezmek, duşmanlykda ýaşaşmagyň iki tarap üçinem pesligi aňladýandygyny ýüze çykarmak, eger bu bir-birege duşmanlyk uzak dowam etse, onda ýaş össürimleriňem bu duşmanlyga gatyljakdygyny bir ýollar bilen beýleki tarapa ýetirmek zerurdyr.

Hajy Bekdaş Weli "Duşmanyňyzyň hem ynsandygyny unutmaň" diýende duşmanyňy özüňden pes adamdyr öýtme diýen pikiri hem göz öňünde tutandyr. Sendäki bar zat, seniň ýetmeziň-artykmaçlygyň onda-da bardyr. Özüňi adam hasaplaýan bolsaň, duşmanyň hem edil şoň ýalydygyny unutmaly däldigini aňladýar. "Duşmanym eken-ow" diýip çäkden çykybermek bolmaz. Ony haýwan derejesinde görmek hiç bolmaz. Sebäbi bu gün duşmanam bolsaň, erte bolmasa-da, günleriň birinde ýaraşmaly boljagyňy, şo sebäpli çökder gitmegiň ummasyz uly gödeklikdigini ýatdan çykarmaly däl. Köplenç, bu düzedilmez, öwezini dolup bolmajak çäklere baryp ýetýär.

"Pylana ýamanlygymy görkezeýin, menden eýmener ýaly" diýen pikiriň düýpden ýalňyşdygyny durmuş her ädimde görkezip dur. Bu hereketler duşmanlygy

oýarýar, öjükdirýär. Beýleki tarap özünde duşman barlygyna wehim edýär, özüni tijeýär, gaty birahatlyk tapynýar. Ýok, bu ýoluň soňy gorp, uçut gaýalar. Her ýollar gözlemeli, emma duşman edinmejek bolmaly. Duşmanly ýaşamak ruhy ejirlerden başga, uly maddy çykdajylara baryp ýetmegi hem mümkin. Duýman durkaň, degirmen ters tarapa aýlanyp başlapdyr diýeli. Şony dogry aýlanar ýaly etmek üçin sen, eýýäm, duşmanyňdan haýyş edip bilmeýäň. Duşmanyň garyndaşlary, ýakyn goňşy-golamlary, dost-ýarlary we oňa ýakyn adamlar hem duşmançylykda ýaşaşýanyňy bilseler, kömek edeninden etmänini gowy görerler. Diýmek, gör, biri bilen duşmanlyk gapylaryň näçesini ýapýan ekeni?!

Beýik psiholog Hajy Bekdaş Weli adam gatnaşyklarynyň inçe syrlaryny örän ýakyndan bilýänligi üçin, ynsan ruhundaky garaşylmaýan, duýdansyz hem örän tiz geçýän öwrülişikleri syzýandygy üçin "Duşmanyňyzyň hem ynsandygyny unutmaň" diýendir.

Duşmanlygy aradan aýyrmak üçin edilýän her tüýsli hereketler şol adamyň beýikliginiň, terbiýeliliginiň, uzakdan görüjiliginiň, medeniýetliliginiň nyşanydyr. O hereketleri ejizlik, ýallaklamak diýip düşünýänler ýalňyşýarlar hem-de öz terbiýesizligini ýüze çykarýarlar.

Bu meselä degişli taryhdan köp mysallar getirip boljak. Beýik Alp-Arslan Wizantiýa imperatory Roman Diogen IV-niň boýnuna syrtmak atyp getirenlerinde, oňa uly hezzet-hormat edipdir hem-de mylakatly söhbetdeşlik gurapdyr. Öz döwrüniň iň beýik şäher-

galasynyň biri bolan Ystambyly 21 ýaşynda boýun egdiren Fatih Soltan Mehmet şäheri alanda ýerli ilata azar bermezligi we olaryň öňki dinlerini tutmaga erkinligini höküm edipdir.

Bir adamyň durmuşda neneňsi orun tutup biljegini onuň duşmanynyň barlygy-ýoklugy, azlygy-köplügi bilen ýa-da onuň häsiýetinde konfliktlilige neneňsi garaýşyň barlygy bilen doly ýa-da takmyn kesgitläp bolsa gerek. Häsiýeti konfliktli ynsany türkmenler gödek, dikdüşdi, üşüksiz, mylakatsyz, duýgusyz, öz peýdasyny bilmeýän we şuňa meňzeş manylarda sypatlandyrýar. Ynsan häsiýetindäki çeýelik, maýyşgaklyk, ýumşaklyk, geçirimlilik, ýagşy niýet we ýagşy umyt duşmanlygy ýok ediji dermanlaryň güýçlüsidir. Daş öz gatylygyna hernäçe öwünibersin, ýumşak suw ony ýuwa-ýuwa un edýär ýa-da damja-damja dama-dama galyň daşlary deşýär.

# Aýal-gyzlary okadyň

Beýik akyldaryň aýratyn nygtap: “Aýal-gyzlary okadyň” diýmesinde näme syr gizlenýärkä? Ol muňa ýörite üns çekmek isläpdir. Yogsa Kurany Kerim, hadyslar aýal-gyzlaryň ylym almalydygyny gadagan etmän, eýsem olaryň okadylmalydygyny aýdýarlar ahyry.

Şeýle-de bolsa, köp-köp ýerlerde, ençeme asyrlarda dini ýoýluşlar zerarly, aýal-gyzlara erkekler bilen deň derejede bakylmandyr, olar diňe çaga öndüriji, öý hyzmatyny bitiriji hökmünde görlüpdir. Onsoň bu çäklendirmeler diňe bir aýal-gyzlaryň durmuşyna, gelejekki ösüşine agyr zyýanlar ýetirmek bilen durman, eýsem tutuşjemgyetiň ilerlemegini asyrlarça bökdäpdir.

Bütin türk dünýäsiniň yslamlaşmagynda kesgitli rol oýnan we Kubrawiýa, Bekdaşiýa, Nagyşbendiýa ýaly uly tarykatlaryň köklerine öwrülen Hoja Ahmet Ýasawy hem-de Ýasawiýa tarykaty aýal-gyzlary çetleşdirmändi, olary elmydama bile zikir çekmäge, bile nalyşlar, hikmetler aýtmaga, söhbetler diňlemäge çagyrýardy. Meýdan diýlip atlandyrylýan dini ybadat tanslarynyň ýerine ýetirilýän ýerine bile çykýardylar. Umuman, türk halklarynyň öňe çykan, aýratyn saýlanan aýal-gyzlarynyň uly taryhy heniz doly ýazylman ýatyr. Biziň taryhymyzda olaryň orny, ähmiýeti hiç zat bilen deňäp bolmajak derejede beýikdir. Ýol ugra aýdyp geçsek, baryp on üçünji asyrda Ahi Ewren (Hajy Bekdaşyň pikirleri hakda aýdanymyzda Ahi Ewreni ýakyndan tanadarys.) diýen bir şeýhiň aýaly Patma hanym «Bajyýany Rum», ýagny Rumustan bajylary atly uly bir

jemgyet gurupdyrlar hem-de öz döwrüne uly täsir edipdirler.

Maşgala ojagynyň öçmän, yssy saklanmagynda, nesliň dowam etdirilmesinde, ozaly bilen, aýal uly rol oýnaýar. Öý-içeri bilen bagly, çaga terbiýelemek bilen bagly, maşgalanyň beýleki maşgalalar we umumy jemgyet bilen gatnaşyklaryna bagly meseleleriň köpüsi aýalyň başyna düşýär. Şoňa görä aýalyň ylymly-terbiýeliligi, ne derejede medeniýetliligi, hojalygy dolandyrmakda tejribesiniň barlygy-ýoklugy we ýene ýüz müň meseleler netijesinde maşgalanyň ahlak-moral, medeni we ylmy durky emele gelýär. Şoňa görä ýola düşüp, ugrugyp başlaýar.

Gelejekki nesli, çaga heniz ene göwresindekä, ene terbiýeläp başlaýar. Ilkinji zehin ene gany bilen geçýär. Ata garanda çaga enä köp yhlas edýär. Enäniň aýdany-diýeni köp diňlenýär. Çaga bilen, esasan, ene meşgullanýar, sebäbi erkek kişi öýüň eklenji, gazanç bilen has ýakyn gyzyklanýar. Adaty maşgala däpleri şeýle ösýär.

Diýmek, aýal öýüň, maşgalanyň baş sütünidir diýsek, hakykatdan daş düşmeris.

Şeýle bolsa ýene bir hakykaty oýlanyşmagymyz gerek: jemgyetde aýal neneňsi derejede, orunda goýlan bolsa, jemgyetiň ösüşi hem şoňa görädir. Ýowropada, beýleki faktorlar bilen bilelikde, aýallaryň siwilizasiýasy güýçlenen halatynda tutuş jemgyet ösdi. Ösüşiň dowamynda aýallaryň tebigy zerurlykdan aşa siwilizlenmegi netijesinde maşgalalar öňki durkuny saklap bilmediler we dargamak bilen boldular. Munuň ilkinji alamaty nika bozýan är-aýalyň artmagydyr.

Maşgala ýumrulyşygy jemgyetiň umumy ösüşine öz ýaramaz täsirini uzaga çekmän ýetirip başlar. Bu ýagdaý ösen Ýewropa ýurtlaryna, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna degişlidir.

Ýaponiýanyň, Hytaýyň we günorta-gündogar Aziýanyň ösen ýurtlarynyň häzirki ýagdaýynda hem aýal faktory uly rol oýnaýar diýip pikir edýärin. Olaryň ösüşiniň neneňsi boljagyny gelejek görkezer.

Yslam ýurtlarynyň köpüsiniň ylmy-tehniki ösüşde yza galmaklygynyň bir sebäbi–aýal-gyzlaryň jemgyetdäki rolunyň pesligidir. Aýal-gyzlar ösen medeniýetli, çylşyrymly tehnologiýaly durmuşdan daşda galýandyklary üçin olaryň öz nesline geçirýän, berip bilýän zatlary hem ýokary däldir. Elbetde, çaga ulalandan soňra ýokary medeniýeti, çylşyrymly ylmy alyp biler diýilmegi mümkin. Dogry, emma her bir medeniýetiň, terbiýäniň fundamenti çagalykda beýnä siňse ol başgaça bolýar. “Zehin eneden, gayrat atadan” diyen nakılı hem yatladayın. Bu taýda gürrüň aýratyn bir şertler döredilendäki ýagdaýlar hakda däl-de, tutuş jemgyetçilik medeniýeti, jemgyetçilik aňy hakda barýar.

Är-aýallyk ýaşaýşynda ylymly, okuwly aýal ärine başgaça, has içgin bakyp biler, ony özüne imrindirmäge, erkegiň başga aýallara köňül bermeginiň öňüni almaga ýol tapar. Sebäbi ylymly-okuwly aýal seksologiýa ylmyndan hem habarly bolýar. Olar öý durmuşyny alyp gitmegiň inçe syrlaryny açýarlar, dürli naharlary, tagamlary taýýarlamaga ökde bolýarlar. Bilşiňiz ýaly, erkekleriň köpüsi ilki garny bilen oýlanýar.

Ylymly-bilimli aýal-gyz öz hukugyny, öz hakyny talap etmäge kuwwat tapýar, bu hem onuň öz mertebesini belentde saklamaga sebäp bolýar.

Ynha, aýal-gyzlaryň ynsan durmuşyndaky şeýle kesgitleýji roluna aňry ýany bilen göz ýetiren Hajy Bekdaş Weli "Aýal-gyzlary okadyň" diýip, ýörite öwüt edipdir.

## Hiç bir milleti we ynsany aýplamaň

Hajy Bekdaş Weliniň bu öwüdi öwütleriniň naýbaşydyr.

Näme üçin?

Birinjiden, şeýle gadymy asyrda şeýle täze pikiri aýdyp bilmek ynanylmaz derejede geňdir.

Ikinjiden, bu öwüt hut şu gün ýazylan ýalydyr we biziň döwrümiz hem-de gelejek üçinem ähtibarlygyny hiç ýitirmejek öwütdir.

Baýezid II-nji zamanynda Osman imperatorlygy daşary ýurtlarda zulum görüp, oturymly ýerini terk eden her milleti öz saýasyna alar ekeni. Onuň ganatly sözi taryha giripdir: «Dünýäniň niresinde zulum gören ynsanlar bar bolsa, meniň ülkämiň gapylary olar üçin açykdyr». Taryhyň habar berişi ýaly, dürli ýurtlarda zorluk gören jöhitler we beýleki milletler Osman imperatorlygyna sygynypdyrlar.

Diňe bir jöhitleriň däl, köp-köp ýerlerde başga-başga milletleriň hem ýekirilen, gysylan, zorluga duçar edilen halatlary seýrek bolmandyr. Munuň aslynda milleti ýigrenmek ýaly adamzada gelişmeýän bir gylyk ýatyr. Öz milletiňi özgelerden artyk görmek (şowinizm), öz milletiňi aşa öwmek – ahyrda özge milletleri ýigrenmeklige alyp barýar.

Öz milletiňi iň arassa millet, iň gadymy millet edip görkezmäge ýykgyn etmegiň soňy nämeler bilen tamamlanandygyny taryh ýatladyp dur. Gitler nemes milletini şeýle aldawa salypdy we ýigriminji asyryň iň gan döküşikli urşuna sebäp bolupdy.

Aýdaly, bir millet gaty gadymymyş. Adam atadan hem öňräkden bäri ýer ýüzünde garzynyp ýörenmiş diýeli.Häzirki ýaşaýşynda bolsa gaty yzdamyş. Şu günüň derwaýys meselelerini çözmäge gadymy şöhradyň, hi, nepi degjekmi?

Şuňa göz ýetirmän, şowhuna goşulyp gidibermek aýp bolmazmy?

Millete, gadymylygy üçin däl-de, hut şu günlerde neneňsi gudratlar döredip bilýänligi bilen baha berýärler ahyry.

Gadymylyk keseliniň ýanynda arassalyk keseli hem bardyr. Arassa milletdiris diýip aldawa düşmek mese-mälim betbagtlykdyr. Ýer şary milletleri bir gazanda gaýnadýar ahyry.

Ylmy dolanyşykda: “Normal syýasat ýöredip bilmeýänler milletçilige ýüz urýarlar” diýen bir pikir bar. Sebäbi milletçilik öz syýasatyňdaky nogsanlyklardan halkyň ünsüni sowmagyň örän arzan we pes ýoludyr.

Şoňa görä haýsy döwletde milletçilik meçew-lendirilýän bolsa, o döwletiň içerki we daşarky syýasatynda ýalňyşlyklara, ykdysady kynçylyklary basyrmaga ýol berilýänliginiň alamatydyr.

Bir millet akýagyz, garaýagyz, gyzyl derili bolup biler, her tüýsli dini ynançly, dürli dilli bolup biler, emma onuň üçin milletde näme günä bar?!

Hajy Bekdaş Weli Horasanda ýaşanda-da, Mekgä, Medinä zyýarata baranda-da, ahyrda Suwluja Garahöýükde ömrüni ötürende-de köpmilletli märekäni köp görüpdir, diliňem, milletiňem, beýleki aýratynlyklaryňam ösüp, ulalyp, kiçelip, dargap,

birleşip, üýtgäp durandygyna, diňe adamzadyň ynsanlyk gymmatlyklaryny saklap bilýändigine ylmy tejribesi hem-de taryhy çeşmeler arkaly göz ýetirip, şu pikiri aýtmaga kuwwat tapypdyr. Ol adamlaryň mahal-mahal millet aýyrmaklyga, millet kemsitmeklige ýol berýändigini gamly synlan bolsa gerek.

Dogrudanam, hiç bir millet hiç bir zaman günäkär däldir. Milletiň adyndan hereket edýän dürli-dürli, uly-kiçi toparlar başga mesele. Şeýle toparlar, adamzadyň ösmegi bilen, has uly, has kuwwatly güýje eýe bolýarlar hem-de diňe bir milletiň däl, eýsem milletleriň ykballaryna täsir etmäge, olaryň gelejekki ýollaryny zor bilen kesgitlemäge çenli baryp ýetýärler.

Millet hakynda ýokarda aýdanlarymyz milleti düzýän ynsanlara-da degişlidir. Her bir ynsan öz dinini, ynanjyny saýlap seçmäge, pikir-garaýyşlaryny hiç bir päsgelçiliksiz aýtmaga hukukly bolmalydyr. Ynsanyň ruhy erkinligi, onuň maddy baýlygynyň eldegrilmesizligi birleşip, ynsan hukuklary diýlen belent bir düşünjäni emele getirýärler.

Ynsan hukuklary örän näzik bir zatdyr, örän ünsli garalmagyny talap edýän bir duýgudyr.

Hajy Bekdaş Weliniň pikir-duýgularyna Näzik ýol diýilmeginiň bir sebäbi hem onuň bu meselelere örän seresaply, töwerekleýin we çuň bakýanlygydyr.

Türkiýäniň belli adamlarynyň biri Ysmaýyl Hakky Baltaçy ogly özüniň “Hajy Bekdaşa salam” diýen makalasynda: “Ynsan erkinligini, tebigata söýgini özüňe köňül ýoly hökmünde seçen sen dälmisiň?!” diýip, Hajy Bekdaşyň özboluşly ýoly hakda söz açýar.

Hajy Bekdaş Weliniň “Hiç bir milleti we ynsany aýplamaň” diýen öwüdi şol zamanlarda neneňsi garşylandyka? Bu sowala anyk jogap bermäge mende maglumat ýoklugyna garamazdan, näçe asyrlar öňinçä aýdylan bu pikiri goldamandyklaryny, açyk garşylyk hem bolmandygyny, ünsden düşürilendigini çaklasa bolar. Sebäbi adamzat jemgyetçiligi gürrüňini edýän meselämize ýakyndan üns bermäge diňe ýigriminji asyryň ikinji ýarymynda bişip ýetişdi.

1948-nji ýylyň 10-njy dekabrynda ynsan hukuklarynyň ählumumy beýannamasy Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynda kabul edildi. Bu Deklarasiýa şahsyetiň hukuklaryny, raýatlyk we syýasy hukuklaryny we azatlyklaryny (kanun öňünde hemmeleriň deňligi, her kimiň erkinlige we şahsy eldegrilmesizlige hukugy, wyždan azatlygy, şahsy emlägiň eldegrilmesizligi we beýleki köp-köp hukuklar) yglan etdi. Kanunlaryň öňünde patyşa-da, gedaýam, pukara-da des-deň jogap bermelidir. Kanunlar şeýle  kämillikde bolmalydyr.

Ynsan hukuklary hakynda gürrüň edýärkäk, beýik Magtymgulyny ýatlamazlyk mümkin däl. Onuň döredijiliginiň esasy ugurlarynyň biri ynsan hukuklarynyň iň ýokary derejede goýulmalydygy hakdadyr. Ol Hajy Bekdaş Weliniň, Möwlana Jelaleddin Rumynyň we beýleki halypalarynyň ynsan mertebesi barada ýazanlaryny örän çuň öwrenendir hem-de beýnisinde gaýnada-gaýnada, öz pikirleri bilen täzeden ýugurandyr. Görüň, bakyň, Rumy bir setirde örän ullakan bir meseläniň jogabyny berýär:

Adalat – her bir zady laýyk ornuna goýmakdyr.

ýa-da

**Ynsany söýmek – Allany söýmekdir.**

Hajy Bekdaş Weli bolsa: “Taňra dostluk etmek – halka ezýet etmezlikdir” diýýär.

Üns beriň, Magtymguly neneňsi belent owaz bilen söz açýar:

Häkim bolsaň, halky Gün kibi çoýgul.

## Her näme gözleseň, özüňden gözle

Hajy Bekdaş Weliniň bu öwüdi onuň bir bent şygrynda bar. Şol bendi öň ulananlygymyza garamazdan, ýene bir ýola Siziň dykgatyňyza hödürleýäris:

Yssylyk otdadyr, o sajda däldir,
Keramat başdadyr, o täçde däldir,
Her näme gözleseň, özüňden gözle,
Küdüsde, Mekgede, o Haçda däldir.

Çuňňur ynsanperwer bolan Hajy BekdaşWeli adamy örän belentde goýýar. Adamyň bitirip biljek işleriniň köplügini, onuň kuwwatynyň akyldalygyny, şeýle hem ynsanyň örän näzik bir zatdygyny unutmaýar.

Özüňe daýanmak, öz kuwwatyňy, öz aklyňy ulanmak bilen jemgyete zyýansyz ýaşamak. Özge biriniň baýlygyna, akyl-paýhasyna, wezipesine göz dikmän, özüňi özüň dolandyrjak bolmak – hakyky durmuş ýörelgesidir.

Näme üçin özgä bahyllyk etmeli?!

Näme üçin özgelerden umydygär bolmaly?!

Hany, şu soraglary ýaňadan başymyzda aýlap, ýaňadan beýnimizde bişireliň, bakaly.

Asyl, bu jahanda her kimiň öz orny bar ýaly-la. Onsoň özgäniň ornuna dyzap durmak gelşiksiz bolmazmy?!

Men öz günüme-öz güzeranyma kanagat etjek. Elbetde, öňküden gowy ýaşajak bolup hereket etjek,

emma özgeleriň hasabyna däl. Öz paýymy aljak, öz hakymy gazanjak.

Ylmyň kesgitleýşiçe, her bir adam öz akyl-paýhas rezerwiniň bary-ýogy on-on bäş prosentini peýdalanýar. Hany onuň beýleki segsen bäş-togsan prosenti?

Ukuda.

Diýmek, men gözleýän zadymy özümden gözlejek bolsam, ozaly bilen, ukudan oýanmalydyryn.

Döwür-döwran nirä aýlanýar?

Dost-duşman ne küýde?

Jemgyet, maşgala ne ýagdaýda?

Ýene sowalmy? Jogap berjek bolsak, biz ýene-de dünýäniň depesinden bakyp görmeli bolarys.

Hajy Bekdaş Weliniň paýhaslar kerweniniň syryna aralaşjak bolsak, ýol-ýoda goýman ýüwürmeli bolarys.

Belki, ol «Her näme gözleseň, özüňden gözle» diýende, boş şowhuna çapyp ýörme, Allany, hakykaty, bagty, baýlygy uzakdan, daşky şekillerden gözleme-de içden, akyl-paýhasdan, Köňülden – Özüňden gözle diýen manyda aýdandyr. Şu pikir dürs ýaly-la.

Onda özüňi pugta kontroldan – köňül terezisinden geçirip görmeli: Dünýä garaýşyň neneň? Jemgyete bakyşyň nähili? Maşgalada aýalyňa ýa-da äriňe, çagalaryňa gatnaşygyň nä derejede? Bir ýandan, edil balyk iýeňde gylçygyny aýryşyň ýaly, saýhallap başlaly, hany.

Başga birini aýplamak, şol bir wagtda-da özüňi akja guş saýmak örän aňsat. Özüňe zabun daraşmak hökmany şertdir.

Nirede, haýsy meselede dogry gadam basanyň ýa-da galplyk, ikiýüzlülik, ýöwsellik edeniň belli bolar barar.

Bu durmuşdan näme alypsyň, muňa näme beripsiň? Haýsy meselede ýagşy niýetlini, ýaman niýetlini goldadyň, soňunda netije neneň boldy? Ýene müňlerçe soraglar, jogaplar.

Terezini dogry ulanmakda-da iş bar.

Şeýle gaýnaşmalar netijesinde dünýäniň depesinden bakmak mümkindir diýen pikirdediris.

Özüni tapan, Allasyny tapar. Alla bilen aralykdakylary hem tapar.

Şu taýda "Her näme gözleseň, özüňden gözle" diýen öwüdiň dowamy hökmünde "Hakyky derwüş hiç kimden öýkelemez" diýen öwüt hakda-da oýlanyşalyň. Käbir adamlar: "Men pylana pylan hili ýagşylyk etdim weli, indi menden habaram alanok" diýen ýaly öýkeli oýlanýarlar. "Maňa hormat etmedi", "Meni çaýa-nahara çagyrmady", "Men ony toýumyza çagyrypdym weli, ol toýuna çagyrmady", "Karz diledim weli bermedi" we şuňa meňzeş öýkeleriň köki nämedekä?

Meniň pikirimçe, özge adamdan ýagşylyga, ýa şoňa kybapdaş bir zada garaşyp ýaşaýan adam öýkelek bolýan bolaýmasa. Durmuş welin başga zady öwredýär: Ýagşylyga-da, ýamanlyga-da garaşma.

Özüňe, özüňe, diňe özüňe daýan.

Şu ýagdaýda-da Hajy Bekdaşyň pikiri ulanarlykdyr.

Elbetde, başarsaň ýagşylyk etmelidir. Hajy Bekdaş Weli: "Elden gelen her ýagşylygy herkese ediň" diýipdir. Onuň ýagşylyk hakda gyzykly söhbeti hem bar: "Meniň üç sany dostum bar. Ölemde biri öýde galar, biri ýolda galar, soňky bolsa bile gider. Öýde galjak – mal-mülkümdir, ýolda galjak–ýakynlarymdyr. Bile gitjek – ýagşylyklarymdyr".

Folklorda, taryhy çeşmelerde ýagşylygyň ähli ýapyk gapylary açýanlygy hakda ýüz müňlerçe delilleri ýatlaberiň.

Syrly, pelsepeli sözlemek adaty bolan Hajy BekdaşWeli “Her näme gözleseň, özüňden gözle” diýende, “eger özgeden bir zat almak derkarlygy çykanda-da, şonuň ýoluny tapmak hem özüňe bagly” diýen manyny-da şuňa goşan bolsa gerek.

Bu öwüdiň içindäki özge syrlara aralaşmak bagty özüňize bagly.

## Gördügiňi ört, görmedigiňi söýleme

Biz Hajy Bekdaş Weliniň örän çuň logikaly, dialektikanyň örän çeýe sapajyklary bilen örülen bir öwüdiniň üstünden geldik.

Ilki okanyňyzda: “Bu nähili beýle bolýar?” diýen bolmagyňyz mümkin. Göreniňi örtmeli, görmedigiňi hem sözlemeli däl. Onda dymaýmak galýar-da. Dymmak, umuman, altyna barabar hasaplanýar, emma öz ýerinde, öz wagtynda dymmagy başarmaly. Mydama dymmak bilen işbitirip bolmaz. Aýagyň ýöremek üçin berlişi ýaly, dil hem sözlemek üçin niýetlenipdir. Hajy Bekdaşyň zamanasyna garanyňda ýigrimi birinji asyrda has köp geplenýär. Umuman hem, adamzat jemgyetçiligi ösdügiçe barha köp söz ulanylýar. Bu adaty bir zat.

“Gördügiňi ört...” diýlenine neneňsi manyda düşünsekkäk?

“Ynsanyň aýyplary köpdür, şonuň üçin onda görer ýaly zat ýokdur. Gowusy örtmekdir” diýen manydamy?

“Ynsanyň aýbyny örtmeli, ýagşylygyň-gözelligiň özi çykar, özi ýaýrar” diýen manydamy?

“Ynsan hakda hiç zat aýtmaly däl” diýen manyda düşünmelimi?

Belki, biziň pikir meýdanymyzdan daşarda pikirler köpdür, şolar esasynda düşünmelidir?

Häzirlikçe, bu öwüdiň açaryny başga öwüdiň üsti bilen tapmaga synanyşalyň.

Hajy Bekdaş Weliniň «Özgäniň aýbyny görmeýän jana yşk bolsun» diýen bir sözi bize tutalga bolup biler.

Gürrüň, biziň pikirimizçe, özgäniň aýbyny görmezlik, eger göräýeňde-de örtmek hakda barýar.

Möwlana Jelaleddin Rumynyň: “Dostuň hatasyny örtmekde kölege kimin bol” diýenini hem ýatlalyň.

Türk awtory Sady Baýram özüniň bir makalasynda şeýle bir hekaýaty getiripdir:

Bir mewlewi (Möwlana Jelaleddin Rumynyň mewlewiýa tarykatyna eýeriji adam – O.Ýa.) bir bekdaşy bilen ýola çykypdyrlar.

Bekdaşy mewlewiniň ýeňleriniň gaty giňligini geň görüp:

– Ussat, Siziň goluňyzyň ýeňi näme üçin giňiş? – diýip sorapdyr.

– Biz bir hatany gördügimiz, başga hiç kim görmezligi üçin ýeňimiz bilen ýapýarys – diýip, mewlewi jogap beripdir. Bekdaşynyň ýeňini görüp olam sorag beripdir:

– Eý, ýaranlar, Siziň ýeňiňiz näme üçin dar?

– Biz hiç bir hata görmeýäris ahyry.

Näme üçin özgäniň hatasyny görmeli däl ýa-da ýapmaly, örtmeli diýildikä? Jelaleddin Rumy hem Hajy Bekdaş hem: “Adam adam bolansoň ony üýtgetmek mümkin däl, üýtgetjegem bolmaly däl, şoňa görä onuň hatasyny görüp, aýbyny aýdyp oturasy iş ýok. Ogrymy – ogry, ýalançymy –ýalançy, gödekmi – gödek görnüşinde kabul etmeli” diýen pikirde bolsalar gerek.

Adamyň hatasyny, aýbyny ýüze çykarmak bilen iş gaýta çylşyrymlaşýar. Hatasy, aýby aýdylan adam duşmana öwrülmegi mümkin. Köplenç, şeýle hem bolýar. Onsoňam “Gördügiňi ört” ýa-da “Özgäniň aýbyny görmeýän jana yşk bolsun” diýlen jümlelerde

“göreniňi aýtma, özgäniň aýbyny aýtma” diýen many hem barmyka diýip oýlanýaryn. Ýagny, esasy gürrüň hatany, aýby aýtmazlyk hakda barýan bolsa gerek.

Onda, näme, adamy terbiýelemek gerek dälmikä?

Wah, şeýle gerek! Ýöne ol heniz ýaşajykka, has irräk ele geçirilmelidir, adam formirlenýän zamanynda oňa näme terbiýe beriljek bolsa berilmelidir. Sowet alymlary-pedagoglary çagany ene göwresindekä terbiýeläp başlamaly diýýärdiler. Indi gözümiz açyldy welin, çaga hakda ondanam has öňräkden oýlanmalydygyna gözümiz ýetdi. Ýigit heniz öýlenmänkä, gyz heniz durmuşa çykmanka pylany bilen goşluşanda takmyny neneňsi zürýat dogjakdygyny özleri üçin kesgitlemelidirler. Bu taýda ölçeg terezisi asyldyr. (Asyl yzarlamak hakda öňdäki söhbetimizi ýatlaň). Onuň haýsy milletdenligi, haýsy ýerdenligi, haýsy dindenligi, haýsy dilde sözleýänligi, reňki we ş.m. asyl däl-de, onuň terbiýe, bilim, adamkärçilik derejesi – asyldyr. “Är daýa çeker, it eýä” diýilýäniniň aňyrsynda uly gürrüňler barlygyny duýýansyňyz.

Geçmişdäki pelsepeçilerimiz çaga döredilende asylly gandan dörese, özge işleriň ýeňil çözüljegine aňryýany bilen akyl ýetiripdirler diýip hasaplaýan.

Gep gönezlikde.

Hajy Bekdaş Weliniň öwüdiniň ikinji ýarymynda “...görmedigiňi söýleme” diýende, ol ähli babatda hakykatdan ugur alýar. Gadymy hekaýatlaryň birinde göz çynyň, gulak ýalanyň simwoly edilip görkezilýär. Onsoň ýalan bilen çynyň arasy näçe diýlende, göz-gulagyň arasy ölçelýär.

Adamlarda bir sözi, bir wakany çişirip görkezmekden lezzet almak bar. Onsoň kähalatlarda hakykatda bolan waka, aýdylan söz agyzdan-agyza geçip, çişe-çişe siňekden pil ýasalýar. Şeýle aldawlardan özüňi sap saklamagyň ýeke-täk dogry usuly – görmedigiňi sözlemezlikdir.

Ynha, bu öwüt hakda, häzirlikçe, şeýleräk pikirleri orta okladyk. Akyldaryň “Gördügiňi ört, görmedigiňi söýleme” diýen öwüdini düýbünden başgaça ýorumlap boljakdygyny hem aradan aýyrmaýanymy bileweriň.

# Ylymdan gidilmeýän ýoluň soňy tümlükdir

Hajy BekdaşWeli hem, edil beýleki türki klassyklary ýaly, halypasy Lokman Perendäniň öwredişi, talap edişi ýaly, ylyma we edebe aýratyn uly üns beripdir. Ylym – adamzadyň geçmiş tejribesini häzirki döwrüň islegleri bilen birleşdirip, gelejek göz öňünde tutulyp edilen işdir. Şeýle zerurlyga Hajy Bekdaş Weli heniz ýaş oglanka akyl ýetiren bolsa gerek. Dogrudanam, durmuşyň haýsy tarapynyň ösüşi ylmy esaslara daýanmaýan bolsa, şo tarap yza galmaga başlaýar. Eger wagtynda degerli täsir bolmasa, onda onuň soňy tümlüge baryp urýar. Bu ýörelge ynsan üçinem aýnydyr. Kurany Kerimde: “Bilenler bilen bilmeýänler bir bolarmy?” diýlipdir. Muhammet pygamberimiz: “Ylym Çynmaçynda bolsa-da baryp alyň” diýip wesýet edipdir. Ol: “Alymyň ölümi – älemiň ölümi” diýipdir. Hezreti Aly bolsa: “Maňa bir harp öwredeniň kyrk ýyl hyzmatynda duraryn” diýipdir.

Hajy Bekdaş Weli ylymy edep bilen bagry badaşan hasaplaýar. Olary aýry göz öňüne getirmeýär. Ylym almak üçin ilkinji derkar zadyň edepligini nygtaýar. Şoňa görä-de: “Ylym ähliniň ilkinji basgançagy edepdir” ýa-da “Bilim terbiýe bilen alynar” diýýär.

Durmuşda synlasaňyz, şeýle çuň, esasly ylym alan käbir adamlaryň, edep edinmänligi üçin, ýoluny urdurýanyny, töwerege wepasyzlyk görkezýänini, arak-neşä gol berip, zyna işlere gatyşyp, ahyrda-da sahnadan düşüp gidýänligini görýärsiňiz. Olara edep ýetmeýär.

“Jan diýlen bostany ylym suwy bilen bakyň”.

“Taňrynyň nygmatlaryny öwreniň”.
“Aryf bolubam bermeýän – nadandyr”.
“Aryflar hem arydyr, hem arytyjy”.
“Düşünje tümlügine yşyk tutanlar örän bagtlydyr”.
“Köne – terki, nadan – ölüm, aryf – dogluşdyr”.

Ynha, beýik ylymsöýeriň ylym hakda bize galdyran sargytlary. Ol ylym adamsynyň diňe erkana, açyk durmuşda hakyky ylym edip biljegini göz öňünde tutandyr. Alym öz bilýänini diňe özi bilip oňmaly däldir, şägirtler ýetişdirmelidir, öz ylmy goruny ile ýaýmalydyr. «Gizläp goýsaň ýiter gider, özgä berseň özüňkidir» diýlen gadymy pikiri ýatlalyň.

Ylym ynsany taraşlaýar, gözelleşdirýär, oňa aýratyn bir ruh berýär. Ylym adamyň nebsine çäk goýmany öwredýär. Hajy BekdaşWeli: “Nebsiniň tussagy bolanlardan ýardama garaşmaň” diýipdir. Ylym ähli zada bir göz bilen bakmany öwredýär, patyşa hem, geda hem hakyky alymyň gözüne ýönekeý adam bolup görünýär.

Ýunus Emre aýtmyşlaýyn:

Ähli ýaradylmyşa bir göz bile bakmaýan
Halka müderris olsa, hakykatda asydyr.

Şu taýda bir rowaýaty Size gürrüň beresim gelýär. Bir gedaý egin-eşikleri eleme deşik, aýak ýalaň gapyma-gapy aýlanyp ýörkä, bir patyşa sataşýar. Elbetde, patyşa zer lybaslar içindemiş. Ýaňky gedaý patyşany görüp ýylgyranmyş, patyşa-da gedaýyň ýylgyranyny geň görüp sorapdyr:

– Eý, gedaý kişi! Sen nämä şatlanýaň!

– Men seniň halyňa nebsim agyryp ýylgyrdym.

– Men patyşa, bütin ýurt elimde. Meniň halyma däl-de, öz halyňa nebsiň agyrsyn.

– Wah, patyşahym! Alla nazar salsa, meniň bagtly günlerim öňde. Patyşalyk ýetse-de, nesibedir. Ýöne seniň halyň kyn: patyşalykdan aňyrda zat ýok. Tagtyňdan taýmak howpuda bardyr. Wessalam, ömür tamam.

Patyşa gedaýyň bu sözi üçin oňa köp-köp sowgatlar beripdir, olam o sowgatlary illere paýlap, deleme-deşik torbasyny ýene arkasyna atyp gidiberipdir.

Görşüňiz ýaly, ylym ýaňky agzan gedaýymyz ýalylara sabyr-kanagat hem berýär.

Biziň Magtymgulymyz hem öz halypalarynyň ýoluny dowam etdirip, ylym, alym hakda örän jaýdar sözler aýdyp geçipdir.

Alymlar kemelse, edep tapmas sen

ýa-da:

Alymlara uýsaň açylar gözüň,
Jahyllara uýsaň kör dek bolar sen

diýen setirlerini ýatlalyň.

Hajy Bekdaş ýöne ýere: “Ylymly köňül-erenler köňlüdir. O Hak Tagallanyň uly hazynasydyr we nazargähidir” diýmändir.

Hajy Bekdaş Weliniň özüne-de alymlar: “Hünkär” diýip ýüzlenýärler. Hünkär sözi osmanlylarda patyşa ýa-da beýikleriň beýigi manysyndadyr. Näme üçin bu sözi Hajy Bekdaşa ulanýarlar? Onuň, ozaly bilen, ylmynyň şeýle beýik derejededigi üçin ulanýarlar.

Geçmiş alymlar, akyldarlar, şol sanda Hajy Bekdaş Weli, zamanamyzyň beýik alymlary hem alymlygyň bir däbini örän pugta saklaýarlar. Olar öz bitaraplygyny hiç-hiç elden bermeýärler. Bütin adamzada hyzmat edeniň has ýokarylygyny unutmaýarlar.

Ylym hakynda gürrüň edenimizde hökman kitap okalyp ýa-da tejribeler edip alynýan ylym hakda däl-de, eýsem adaty-durmuşy ylym, intuisiýa-üşük, gan, ruh bilen geçýän ylym hakda hem aýdylýanlygyny ýatlabereliň.

## Eliňe, diliňe, biliňe eýe bol!

Bir ýuwdumda aýdylýan şujagaz sözlemiň manysyny doly açmak üçin bir kitap ýazyp bolardy. Ynsan tebigatyna çuň beletlik bilen aýdylan o sözler Bekdaşa täze ruhy ýeňişler getiripdir.

Adam bolmak üçin ilkinji şert-eliňe eýelik etmekdir. Eliň häsiýeti – ol egilende mydama özüňe baka egilýär. Şonuň üçin diňe öz zadyňy almak gerek. Özgäniň ýa döwletiň zadyna el ursaň, muny hiç kim bilmese-de, eliň muňa öwrenişýär. Onsoň ýene, ýene alasy gelýär. Eger-de eli egrilik häsiýetiň ýüze çykjak bolsa, şobada eliňe kakmalysyň, eliňi çekmäni öwrenmelisiň.

Eliň saplygy uly baýlykdyr.

Eliňe eýe bolmak – eliňi dek duruzmazlyk, eliňi işsiz goýmazlyk diýmegi hem aňladýandyr. “Göz gorkak, el – batyr” diýen sözem bardyr. Adamyň gahary eline geçse, garşysyndaka el salyberýär. Güýç orta çyksa, adalatsyzlyga garaşyber. Özge adama ýaman niýet bilen uzan gol, irde-giçde almytyny alman dynmazmyş.

Ikinji şert – diliňe eýe bolmakdyr. Bu aňsat däldir. “Dagy-daşy ýel bozar, il arasyn dil bozar” diýlipdir. Diliňe mydama hoş, mylaýym sözlemäni öwretmeli. Sygyr janawere haýwan diýjeksiňiz, emma uzyn guýrugyna eýelik edäýşini görüň.

Şeýle bolsa, adam dagy dilini gaty pugta saklap bilmelidir. Adamyň dili mydama geplejek bolup, gijär durarmyş, şo sebäpli diş gysmany hiç-hiç unutmaly däldir.

Bir işi bitirmek üçin diliň güýjüni ulanyp bolar. Şonda-da ýaman sözläňden ýagşy sözleseň has bähbitli bolýar. “Ynsanyň iň güýçli zady – dilidir” diýlenini ýatlalyň. Adam ähli synasyna erk etmelidir weli, diline has berk erk etmelidir. Bent ýykylsa böwetläp bolar, emma dil säwligi ummasyz uly ýumrulyşyklara eltýär. Hajy Bekdaş Weli dil hakynda “Ynsanyň jemaly – sözüniň gözelligindedir” diýipdir. Özüňi jemgyete gowy görkezjek bolsaň, gözel sözleri saýlap sözlemelidir. Bu hem diliňe eýelik etmegiň bir görnüşidir.

Üçünji şert – biliňe eýelik etmekdir. Bil – güýjüň jemlenen ýeri, jynsy hyýallary ýerine ýetiriji. Biliňe görä hereket etmeli. Biliň göterjek ýüküni çekmeli. Biliňi her ýetene ynanyp bolmaz. Bil bir äre, bir aýala mynasypdyr, o san köpelse biliň omuryldy hasap edäý. Biliňi her ýetene egibem ýörmeli däldir. Merde egilseň, olam egiler, eselmez, emma namarda egilseň, yeňsäňden basar, maňlaýyňy ýere degiräýjek bolar.

# Özüňe agyr geleni özgä ýükleme

Tokaýyň örän gazaply kanunlary bar: ösüşde özge agaçlardan yza galdymy, onda gutardy hasap edäý, güneş alyp bilmän, barha iglär, mör-möjeklerem daşyndadyr. Adamzadam şeýle kanunlar boýunça ösýärmikä? Juda oňa meňzeş dälmikä öýdýän. Her niçigem bolsa, öz aladaňy, öz ýüküňi özüň çekjek bolmaly. Hajy Bekdaş Weli tamakinligi utançsyzlyk bilen bir hasaplaýar. Özgelerden haýyş edip, ýalbaryp bitirilmeli işiňi, aňrujy ýagdaýy bolsa, öz güýjüň ýetjek wagtyna çenli goýmaly ýa-da başga bir ýollar gözlemeli. Käbir adamlar, sähelçe zat bolsa-da, özgelerden haýyş etmäge çekinmeýärler. Şol adamlaryň jemgyetdäki ornuny synlasaňyz, olaryň abraýdan gaçýanlygyna göz ýetirersiňiz. "Ýene bir haýyş edäýmesin" diýip, özüni çeke tutýanlar köpeliberer.

Bu näme ýeksürünlikmi? Ýok. Adam adama elmydama zerurlykdadyr. Oňa söz ýok. "Altyn gapylynyň agaç gapyla dilegi düşermiş" diýilmänmi, näme?!

Emma haýyşyňy saklamaly, soňa goýmaly, gijikdirmeli, iň gowusy, başga çykalga gözlemeli. Bu bir durmuş-da. Ýagşy günlerem, ýaman günlerem adamyň başyna düşüp dur. Şonuň üçin şu gezekki haýyşyňy başga bir gezege goýup bilseň, öz utuşyňdyr. Sebäbi bir haýyşeden adamyňa ikinji gezek ýene haýyşetmäge aýaklaryň ädilmese gerek. "Her zadyň çaky ýagşy" diýip içki duýgularyň seslener.

Özgä haýyş etmän ýaşajak bolsaň, özüňde uly hazyna bolmaly. O hazynanyň ady – Kanagatdyr.

Kanagatly ynsana sataşanyňyzda ýüregiňiz rahatlanyp, deriňiz giňäberýändir. Alaýyn, sataýyn, ýeteýin, gaçaýyn diýilýän ýagdaýyň ynsany neneňsi külpetlere salýandygyna göz ýetirip başlarsyňyz. Eger baýlyk deregne kanagat alsaňyz – bu dünýäniň syry düşnükli bolar. Kanagat edinmedikleriň güni kyndyr. Olar ömriboýy aldym-gaç durmuşda kösenerler ýörerler.

Ynha, Hajy Bekdaş Weliniň "Özüňe agyr geleni özgä ýükleme" diýmesiniň bir syry şeýlemikä diýip pikir edýäris.

## Gözle, tap

Hajy Bekdaş Weliniň bu öwüdi-de gyzykly.

Durmuş bir soňsuz okuw, sınagdadır her bir gul.
Alla yşgy bile, dost, hakykaty gözle, tap!

Bu öwüdi seljerip geçeliň. “Gözle, tap”. Elbetde, ynsan gözüni açandan bir zatlar gözläp başlaýar. Kämillige ýetende we ýaşy galňadygyça onuň gözleýän zady köpelýär. Umuman hem, zamana, döwürler üýtgedigiçe ynsan barha köp zat talap edýär. Emma biziň her birimiz:

Gözleýän zadyň näme?

Näme üçin gözlemeli?

Haçana çenli gözlemeli?

Tapan zadymyz biziň gözleýän zadymyzmyka beri? diýen ýaly soraglary garşymyzda keserdip goýup, dogry jogabyny berip bilýärmikäk?

Hajy Bekdaş Weli: “Gözle, tap” diýende, özüňe zerur zady gözle, tap diýen manyda sözledimikä diýýärin. Ömrüňi neneňsi geçirjegiň – seniň näme gözlejekdigiňe baglydyr. Şol gymmatlygy, şol mukaddesligi dogry kesgitlemekde-de iş bar. Ýalňyş oriýentirler sebäpli bir ynsan, maşgala, jemgyet uly tragediýalaryň üstünden barýar. Biz muny öz gözlerimiz bilen gördük. Kommunizm gözleýjilik ahyrda ençeme halklary umytsyzlyk gorpuna taşlapdy.

Haýsy kenara çykjagyny bilmän, ikiýana urunýan halklaryň baş ýetmezi–gözleýän zadyny tapyp bilmeýändikleridir.

Maddy, material gözleglerini ikinji derejeli gözleg hasaplasa-da bolar, hakyky gözleg – dini, ahlaky-ruhy gözleglerdir.

Hajy Bekdaş Weliniň bu öwüdini “Gözle, tap” görnüşinde alsak, ol ynsany tijenmäge, aktiwlige, maksada okgunlylyga çagyrýar.

Eger bu öwüdi: “Ylalaşyk tap” manysynda okasak hem ýalňış bolmasa gerek Bu ýagdaýda-da köp meseleleriň üsti açylýar. Ozaly bilen bu öwüt ylalaşyklylyga, ýagny kompromise çagyrýar. Sen geçirimlilik edäý, sen çekiläý, sen jogap bermän goýaý, sen aýtman geziber, öýkeli bolsaňyz, sen ilki öýkäni-kinäni ýok etmäge dyrjaşaý. Eger iki adamyň, ýa goňşy-goňşynyň arasynda sowuklyk, agzalalyk, düşünişmezlik bar bolsa, sen araçy bolaý, sen olaryň öýkesini ýazaý. Ana, şonda sen öz sogap eden işiňden özüň göwnühoş bolarsyň. Iki adamy salamlaşdyryp bolsa, uly iş bitirdigiň ahyry. Ýagşylyk etmekden göwün şeýle bir lezzet alýandyr weli, ony beýle işlerde synap görmek gerek.

“Garşydaşa ýamanlyk edip göwnüm ynjaldy” diýip pikir edýänler özüni aldaýarlar. Garşydaşa ýagşylyk edeniňizde göwnüňiziň, hakykatda-da heziller edýändigini bilýänsiňiz. Ynsan köňli ýagşylyk etmekden, ýagşylyk görmekden kuwwat alýan bolsa gerek. Ömriboýy adam köňlüni öwrenip geçen inçe psiholog Hajy Bekdaş Weli “Ylalaşyk tap” diýende şeýle ahwallary göz öňünde tutandyr.

Hormatly okyjy! Beýik akyldar hem ynsanperwer Hajy Bekdaş Weliniň öwütleri hakda pikir alyşdyk. Elbetde, durmuş her bir ýazgydan baýdyr,

çylşyrymlydyr. Durmuşyň öz kanunlary bar, şolary bilip hereket etmek elmydama zerur. Hajy Bekdaş Weliniň bu öwütleri on üçünji asyrda we ondan soňraky asyrlarda täsirli, güýçli bolupdyr. XXI asyr has çylşyrymly, has çuň gatnaşyklaryň asyry. Şunda hem şol öwütleri ýerini, pursatyny bilip ulanmagy öwrenmek zerur bolsa gerek. Umuman hem her bir hakykat öz ýerinde we aýny wagtynda aýdylanda ýaşaýşa hukuk gazanýar ahyry.

## Hajy Bekdaş Weliniň Hoja Ahmet Ýasawy, Möwlana Jelaleddin Rumy, Ýunus Emre bilen baglanyşygy hakda

Elbetde, Hajy Bekdaş Weli bilen Hoja Ahmet Ýasawy arasynda uzak ýyllar ýatyr. Ýasawyny 1166-njy ýylda ýogalypdyr hasap etsek, Hajy Bekdaş 1210-njy ýylda dogulýança-da ýarym asyr ýatyr. Diýmek, bu iki beýik ynsanyň diňe ruhy, pikir, ideýa baglanyşyklary hakda gürrüň edip bolar. Hajy Bekdaşyň mugallymy Lokman Perende Ýasawynyň okuwçysy bolupdyr diýip gadymdan gelýän maglumata-da alymlar güman edýärler.

Rowaýatlar welin ýeterlik. Bir rowaýatda Hajy Bekdaşdan halypasynyň kimligini soranmyşlar. Ol şonda şeýle jogap berenmiş: «Men Horasan erenlerinden. Türküstandan gelýän. Mürşidim togsan dokuz müň Türküstan pirleriniň ulusy Soltan Hajy Ahmet Ýasawydyr». Bu rowaýatdaky Hoja däl-de Hajy sözüne üns berdiňizmi?

Hajy Bekdaş Weli Anadolyda Ýasawynyň pikirlerini yhlasly ýaýradan beýikleriň biridir. Ol özüniň «Kitab-ul fewäid» (“Haýyrlylyk hakda kitap”) diýen işinde Hoja Ahmet Ýasawynyň adyny bäşýerde hormat bilen agzaýar diýip alymlar ýazýar.

Ýene bir rowaýatda şeýle waka gürrüň berilýär: «Hoja Ahmet Ýasawy özünde bir täç, hyrka, saçak we namazlyk saklap ýör. Müridler bize ber-de bize ber boluşýarlar. Emma Ýasawy ony hiç kime bermän uzak saklaýar. Ahyry, bir gün müridleri Ahmet Ýasawydan

bu zatlary kim üçin saklaýandygyny soraýarlar. Ol hem eýesiniň geljegini aýdýar. Az wagtdan dürli keramatlar görkezip Hajy Bekdaş Weli gelýär. Hoja Ahmet Ýasawy o mukaddes zatlary berip: “Eý, Hajy Bekdaş Weli, nesibäňdäkini aldyň. Indi Kutb-ul aktaplyk mertebesi seniňkidir, kyrk ýyl hökmüň ýörär. Şu güne çenli biziňkidi, mundan beýläk seniňki bolsun. Hany, ýöre, ýola düş, seni Ruma saldym we Rum abdallaryna baş kylyp, serçeşme eýledim”.

Başga bir rowaýatda müridler Ýasawydan şol täji, hyrkany, saçagy we namazlygy dileýärler. Olam: “Eýesi bar” diýýär. Müridler şonda-da aljak bolşup synanyşýarlar. Ýasawy muny duýýar. Onsoň müridlerine: “Kim dary gülüniň üstüne namazlyk ýazyp namaz okasa, zatlar şonuňky” diýýär. Şo mahal Hajy Bekdaş Weli görünýär. Ýasawy “Eý, Bekdaş!” diýip, bir ýşarat edýär. Hajy Bekdaş dary gülüniň üstüne namazlyk ýazyp, iki rekat namaz okaýar. Şonda darynyň bir dänesi hem gymyldamanmyş. Soňra Ýasawynyň mukaddes zatlary Bekdaşa berilýär hem-de oňa doga okalýar.

Ýene bir rowaýat şeýledir: Soltan Hoja Ahmet Ýasawynyň bir agaç gylyjy bar eken. Ol ony alyp Hajy Bekdaş Weliniň biline dakypdyr. Ojakda ýanyp ýatan bir tut kesewiniň hem bir ujuna esgi daňyp uçuryp goýberipdir. Ol esgi Konýa barýar. O taýda bir är bardy, oňa Soltan Hoja Fakih diýerdiler. Ol hälki otly kesindini gapyp alyp, hüjresiniň öňüne dikýär, Allanyň gudraty bilen tut gögerip, miwe berýär. Hajy Bekdaş hem ýanynyň ýoldaşlary bilen namazlygyň üstünde ýatypdyrlar, bir gudratly owaz eşidilipdir: “Eglenmäň,

Ruma baryň” diýlipdir. Olar rugsat diläpdir. Şonda Hoja Ahmet Ýasawy, Aly Murtyza we togsan dokuz müň mürid haýyr doga edipdirler hem-de Käbä rowana bolupdyrlar”.

Rowaýatlaryň başga birinde bolsa şeýle waka beýan edilýär: “Ähli ülkeler musulmançylyk däbindemiş-de Badahşan halky kapyrmyş. Olar wagtal-wagtal çapawulçylyk edip azar berýärmiş. Onsoň halk Hoja Ahmet Ýasawa arza gelipdirler. Ýasawy hem on iki ýaşly ogly Haýdaryň biline gylyç dakýar, tug we älem berip, 5000 esger bilen söweşe ugradýar. Emma o goşun dargaýar we ogly Haýdar ýesir düşýär, goşunyň esgerlerini hem gyrýarlar. Haýdar ýedi ýyl ýesir bolýar. Halk görgi görýär we ýene Ýasawa ýalbarýar. Olam Alla mynajat edýär. Şo pursat Hajy Bekdaş Weli peýda bolýar. Ýasawy begenip, ähli ýagdaýy habar berýär. Onsoň Hajy Bekdaşbürgüt sypatyna girýär, Haýdary ýesirlikden boşadýar, başga-da köp-köp keramatlar görkezip, soňunda-da Badahşan halkyny musulman edýär”.

Türk alymlarynyň belleýşi ýaly, rowaýatlar Hajy Bekdaş Welini Hoja Ahmet Ýasawa has ýakyn bir ynsan edip görkezmäge çalyşýarlar.

Hoja Ahmet Ýasawynyň Ýasawiýa tarykaty bilen Hajy Bekdaş Weliniň Bekdaşiýa tarykatynyň baglanyşyklary, tapawutlary hakda aýratyn ýazmak zerurlygy üçin bu taýda sözi uzaldyp durmaýarys.

Bilşiňiz ýaly, Möwlana Jelaleddin Rumy bilen Hajy Bekdaş Weliniň doglan ýerleri – Balh, Nyşapur bir-birinden uzak däl, doglan ýyllary hem (Möwlana 1207-nji ýylda, Hajy Bekdaş1210-njy ýylda doglan) örän

ýakyn, soňra olaryň Rumustana baryp, biriniň Konýada, biriniň Suwluja Garahöýükde (bu ýerler hem bir-birinden uzak däl) ýerleşmesi, ahyrda Rumynyň 1273-de, Bekdaşyň 1271-de dünýäden gitmesi ünsi çekerlikdir.

Bu iki beýik ynsanyň bir-biregi gaýybana bilendigine söz ýok, emma ikisiniň ýüzbe-ýüz oturyp söhbetdeşbolandyklary hakda heniz hiç bir çeşmede okamadym. Bir milletden bolup, bir döwürde ýaşap, bir maksada gulluk edip, bir-biregi görmändiklerine ynanyp bilmeýärin. Olar hakynda bir rowaýat bar: “Namazyň öň ýany täret kylmak üçin suw getireýinmi?” diýip hyzmatçy Hajy Bekdaşdan sorapdyr. Hajy Bekdaşhem suw getirip eglenmän, derrew Möwlana Jelaleddin Rumynyň ýanyna – Konýa gidip gelmegi tabşyrýar. Baranda Rumy oňa garaşyp duran ekeni. Şonda ol hyzmatça şeýle diýýär: “Hünkär Hajy Bekdaşa baka her gün ýedi deňiz, sekiz derýa akýar. Şo sebäpli oňa täret suwy zerur däl”.

Bu rowaýatda näme üçin ýedi deňiz, sekiz derýa diýleni syrlygyna galýar.

Möwlana Jelaleddin Rumy bilen Hajy Bekdaş Weliniň duşuşanlygyny Ýunus Emre bilen bagly rowaýatlardan hem duýup bolar. Sebäbi Ýunus Emre Hajy Bekdaş bilenem, Jelaleddin Rumy bilenem ýakyn gatnaşykda bolupdyr.

Gadymy ýazgylardan belli bolşy ýaly, Ýunus Emräniň halypasynyň ady Emre ekeni. Olam döwrüniň ylymly, tanymal we abraýly adamlarynyň biri ekeni. Onsoň bir gün erenler üýşüp Hajy Bekdaşyňka gidýärler, emma Emre gitmeýär. Muny bilen Hajy

Bekdaş adam iberip, gelmegini haýyş edýär. Gelende näme sebäpli gelmändigini bilesi gelýär. Şonda Emre: Dost diwanynda perdäniň aňyrsyndan çykan bir elden öz nesibesini alanyny, emma o mejlisde Hajy Bekdaş atly hiç kimi görmänligini aýdypdyr. Hajy Bekdaşşol perdäniň aňyrsyndan uzan eliň bir belliginiň barlygyny-ýoklugyny sorapdyr. Emre: "Aýasynda ýaşyl meň bardy" diýip-diýmänkä, Hajy Bekdaş oňa aýasyny açýar weli, şo meňi tanan Emre "Tapdyk Hünkärim" diýip baş egipdir, ýagny «tapmak» sözüniň gadymy türkçede «baş egmek, gullugyna häzir bolmak» manysy hem bardyr. Şondan soň Emrä Tapdyk Emre diýlip başlanýar. Ýunus Emräniň:

Tapdygyň tapysynda,
Gul oldum gapysynda

diýen setirlerini ýatlalyň.

Indi Ýunus Emräniň özi bilen bagly bir rowaýaty beýan edeýin:

Ýunus Emre atly bir pukara daýhan kişi barmyş. Bir ýyl gaty gytlyk bolup, ýaňky Ýunus Emre halys garyp düşüpdir. Onsoň ol Suwluja Garahöýüge – Hajy Bekdaş Weliniňkä ugraýar. Ulagyna-da miwe ýükleýär. Hajy Bekdaş Weli ony birnäçe gün myhman edinýär. Ahyry, Ýunus habarynyň alynmasyny isleýär. "Men bir ýoksul adam, ekinimden bir däne alyp bilmedim. Şu iýmişi alyň-da bugdaý beriň« diýýär. Hajy Bekdaşbir derwüşine: Baryň, o myhmana aýdyň: oňa bugdaý berelimi ýa-da nepes (erenler hümmeti)? Ýunus bolsa: men nepesi näme edeýin?! Maňa bugdaý gerek» diýýär.

Hajy Bekdaş: “Miwäniň her birine on nepes bereýin” diýse-de bolmaýar. Ýunusuň ulagyna bugdaý ýükleýärler. Ýunus obadan çykyberende uly hata goýberenini duýýar-da yza dönýär. “Maňa şol hümmeti, şol nepesi bereweriň« diýende Hajy Bekdaş: “O hümmediň, o nepesiň gulpuny Tapdyk Emrä berdim. Şo sebäpli Tapdyk Emräňkä bar-da nesibäňi şo taýdan gözle» diýýär. Ýunus Tapdyk Emräňkä barýar, ýagdaýy aýdýar. Ol Tapdyk Emrä kyrk ýyl hyzmat edip, her gün odun daşapdyr. Şo kyrk ýylyň bir gezeginde-de egri odun, çyg odun getirmändir.

Onsoň günleriň bir güni erenler mejlisinde Tapdyk Emre Ýunusy Güýende diýen bir şahyrdan şygyr okamagy haýyş edýär weli, olam bir bahanajyk tapyp şygyr aýtmaýar. Şonda halypa Tapdyk Emre Ýunus Emrä bakýar-da: “Hany, sen başla! Döwrüň geldi, gulpuň açyldy. Hünkär Hajy Bekdaşyň hödürlän hümmeti, nepesi ornuna geldi. Durman söýle!” diýýär. Ýunus Emräniň gözünden perde syrylýar we saýrap başlaýar. Onuň şygyrlary soňra bir diwan bolýar. (Bekdaşy tarykatynda şygra hem nepes diýilýär.)

Hajy Bekdaş Weliniň döredijiligi bilen Ýunus Emräniň döredijilik ýakynlygy, bir-birege täsirleri hakda köp-köp söhbetler etse bolardy, emma bu tema aýratyn çemeleşigi talap edýär.

Umuman, Hajy Bekdaş Weli oba-oba, şäher-şäher sökmese-de, onuň jemgyet bilen örän ýakyn gatnaşykda bolandygy gümansyzdyr.

# Hajy Bekdaş Weli we Ahi Ewren

Hajy Bekdaş Weli dagynyň Horasandan Rumustana baran döwürlerinden öňräk Ahi Ewren diýen bir beýik ynsan hem Türküstandan Rumustana barýar. Bu iki şahsyň dostlugy hem-de bir-birege uly hormat edip ýaşandyklary hakda gadymy çeşmeler habar berýärler. Emma Kyrşäherde Ahi Ewreniň gozgalaňyna Hajy Bekdaşgatnaşmandyr.

Ahi Ewren kim bolupdyr.

Ahi sözi lakam bolup, arapça “doganym” diýen manysy bar. Gadymy türkçede bolsa “aky” sözüniň “eli açyklyk, batyrlyk, göwnüdokluk” ýaly manylarynyň bardygyny Mahmyt Kaşgarly XI asyrda ýazyp gidipdir. Ýeri gelende aýtsak, häzirki türkmen adam atlarynda ulanylýan “Aky” ady ýokarky manydan başga Akmuhammet, Akmyrat atlarynyň hem gysgaldylan görnüşidir.

Ahi Ewren Rumustana göçüp baran türkmenleriň çarwa ýaşaýyşdan çomurlyga (oturymlylyga) geçmesinde hem-de şäherde ýaşamak endiklerini edinmeklerinde baş rol oýnan adamdyr. Onuň aýaly Patma bajy hem “Rumustan bajylary” diýen uly jemgyeti guraýjy bolupdyr.

Olar näme iş bitiripdirler? Ahi Ewren özüniň guran sistemasynda, ýagny ahilikde ilata dürli hünärleri öwredipdirler. Ýetişdirilen hünärmentler dükanjyklar, kiçeňräk sehler açypdyrlar we öňki grek, ermeni, jöhit, italýan hünärmentlerine baglylygyny, garaşlylygyny kem-kemden aradan aýrypdyrlar.

Ahi Ewren Hajy Bekdaş Weliniň ynsan öwreniş ylmyndan gaty yhlasly täsirlenipdir hem-de öz sistemasyny örän oýlanyşykly, milletiň däplerine we ýerli ýagdaýlara laýyk gurapdyr. Ahilik hakdaky ylmy maglumatlary okanymda Ahi Ewren Türküstanda öňden bäri kök uran türkmençilik däplerini Rumustan şertlerine görä ornaşdyrypdyr diýen pikir kelläme geldi.

Ahi Ewreniň ornaşdyran bu sistemasy diňe bir hünär, bir senet öwrenmek bilen çäklenmän, eýsem ynsan ahlagy, ynsan gatnaşyklary, jemgyeti ugrukdyrmak ýaly has çuň meselelere hem degýär. Türk ylym adamsy Sady Baýram özüniň «Ahilige umumy bir bakyş, ahlak we hoşgörme» diýen işinde ahiligiň baş kanunlarynyň "Fütüwwetnamalar" atly kitaplarda jemlenendigini aýtmak bilen, ahiligiň esasy aýratynlyklaryny şeýle görkezýär: jomartlyk, başgalary söýmek, dostlaryň bilen ýagşy gatnaşmak, özüňden öň özgelere ýardam bermek, özüňden öň özgeler hakda oýlanmak, başgalara hormat goýmak, şöwketlilik, Allanyň hakyna söýmek, dogry sözlülik, başgalardan öňinçä özüňi düzeltmek, myhmansöýerlik, dostlaryň söýünjine goşulmak, eden ýagşylygyňa jogap garaşmazlyk, toba etmek, sadaka bermek, Allanyň gadagan eden zatlaryny berjaý etmek, ybadat etmek, alymlar bilen söhbet etmek, ylymda maryfet gözlemek, nebsiňi hasapda saklamak, dostlaryňa öwüt bermek, beýikleriň sözüni diňlemek, hiç kime azar bermezlik, dostlaryň jepasyna goşulyşmak, tamakinçilikden çekilmek, soralmasa-da ýagşylyk etmek, başgalary ýagşy, özüňi hataly görmek, eden ýagşylygyňy dile getirmezlik, dostlaryň gybat etmesine garşy bolmak,

dostlaryňy bir islege mejbur etmezlik, hyzmat edeňde adam aýyrmazlyk, gulagyňy ýaman sözlerden goramak, goňşuçylygy berjaý etmek, ýamanlyk edeni bagyşlamak, eli gysga ýoldaşlaryňa ýardam bermek, gözel ahlaga baglanmak, ussaňy her zatdan ýokarda tutmak we ş.m.

Ahilikde üç açyklyk we üç ýapyklyk hakda-da aýdylýar, ýagny:

1. Eliňi açyk tut, jomart bol.
2. Saçagyňy açyk tut, açlary doýur.
3. Gapyňy açyk tut, myhmansöýer bol.

1. Gözüňi ýapyk tut, ýamanlyklary görme.
2. Diliňi bagly tut, ýaman sözleme.
3. Biliňi bagly tut, jynsy duýgularyňa we düşünjeleriňe häkim bol, özüňi sakla.

Ahileriň başga-da bir gyzykly nesihaty bar:

Köp iýme, pikirleriň küteleşer, körleşer.

Az we tämiz iý-de oýa bol. Ähli horlanmaň – köp iýmekdendir. Az iýseň, az horlanarsyň.

Olar aýallaryna: “Aşyňa, işiňe, äriňe eýe bol” diýip sargar ekenler. Görşüňiz ýaly, ahilik bekdaşylykdan uzakdaky sistema däl ekeni. Ahiligiň Osman imperiýasynyň kuwwatlanmagyndaky roly, ýeniçerilik hakynda, olaryň türkmençilik bilen baglanyşygy, başga-da köp-köp özboluşlyklary hakynda köp zat aýdyp boljak weli, kitabymyzyň möçberi mümkinçilik bermeýär. Ýene bir gezekde başa barar, enşalla.

## Hajy Bekdaş Weli we Osman imperiýasy

Türk alymlarynyň bir topary Hajy Bekdaş Weliniň 1209–10-njy we 1270–71-nji ýyllar aralygynda ýaşanlygyny tassyklap, şoňa görä-de onuň Osman imperiýasy, osmanly soltanlary, patyşalary bilen hiç bir gatnaşygynyň ýokdugyny ýazýarlar. Gadymy çeşmelerden hem XV asyrdaky «Aşyk paşa oglynyň taryhy» diýlen çeşmä, Ahmet Eflakiniň (XIV asyr) we wakfiýeleriň maglumatlaryna salgylanýarlar.

Alymlaryň başga bir topary bolsa Hajy Bekdaş Welini Osman imperiýasyny gurujy Osman we onuň ogly Orhan bilen baglanyşdyrýarlar. Bu topar alymlar Hajy Bekdaş Weliniň 1248–1337-nji ýyllar aralygynda ýaşanlygyna ynanýarlar. Bularyňam öz delilleri bar. Jon Kingsleý Börç Ystambyl uniwersitetiniň kitaphanasyndan Ýunus Emräniň bir diwanyny tapyp, şondaky bir ýazgynyň ebjet hasabyny edip, Hajy Bekdaşyň 1248-de doglup, 1281—de Horasandan Anadola gelip, 1337-de bolsa aradan çykanlygyny ýazypdyr. Olar şu maglumaty we Ewliýa Çelebiniň (XVII) “Syýahatnamasynda”: “Olaryň (Osman, Orhan – O.Ya.) zamanynda beýik atalarymyzdan türk türkmen hoja Ahmet Ýasawy hezretleriniň Horasandaky şägirdi bolan Hajy Bekdaş Weli üç ýüz adama ygtyýar berip, deprek, küdüm, baýdak we ugur berip, Bursany söweşip aldylar” (Ewliýa Çelebi “Syýahatnama”, 10 tomluk, 1-nji tom, 60 sah.) diýip ýazmasyny, şeýle hem başga maglumatlary esas edinýärler.

Biz birinji topar alymlar bilen pikirdeş bolsak-da, ikinji topar alymlaryň aýdýanlaryny, olaryň goldanýan çeşmelerini bilmekden gaýra durmak meýlimiz ýokdur.

Ynha, gadymy ýazmaça rowaýatlaryň biri: Ärtogrul begiň bu dünýädäki wagty-sagady tamamlanansoň, Haka baka ýöreýär. Beglige Ärtogrul begiň uly ogly Gündiz beg geçýär. Gündiz begiň Osman diýen bir inisi ýere-ýurda sygmaýarmyş, däli diýseň däli, şeýle bir kuwwatly, batyr, edermen ýigitmiş. Osman beg wagtal-wagtal dost-ýarlaryny, deň-duşlaryny ýygnap, Wizantiýa imperiýasynyň araçäklerinden geçip, wizantiýalylara gylyjyň oýnuny görkezip gaýdar eken. Şo wagtlar bolsa Wizantiýa döwleti bilen seljukly begligi arasynda goňşuçylyk, bir-biregiň araçäklerinden geçmezlik hakda şertnama bar ekeni. Onsoň wizantiýalylar seljuk hökümdaryna hat ýazyp, ýagdaýy aýdýarlar. “Eger çäre görmeseňiz, onda bizem şertnamany bozarys we siziň ýerleriňize atly-gylyçly çapawulçylyk ederis» diýipdirler. Osmany tutup, el-aýagyny baglap Konýa getiripdirler. Goşun komandirleri Osman begi görüp, «Hi-de beýle ýigidi jezalandyryp bolarmy?!” diýipdirler hem-de bu ýigide jeza bermezlik hakda hökümdara arz edipdirler. Şonda hökümdar: «Beýle bolsa, Osmany Suwluja Garahöýüge, Hezreti Piriňkä äkidiň. Pirimiz näme diýse, şony etmeli bolarys» diýip buýrupdyr. Eli-goly bagly Osmany Hünkär Hajy Bekdaş Weliniňkä getiripdirler weli, ol gaty tolgunyp-gynanyp, «Derrew ýüpden boşadyň« diýipdir. Osmana dürli-dümen naharlar, miweler hödürläpdir. Osmany getirenlere bolsa: «Men bu taýda näçe ýyllar bäri Osmanyň gelerine garaşyp ýaşadym»

diýen Hajy Bekdaş Weli sandykdan bir täç çykaryp, Osmanyň başyna geýdiripdir. – Biz saňa hünkärlik berdik. Seljukly soltanyna salam aýdyň. Olam beglik bersin! – diýýär. Onsoň Gündiz beg aýrylyp, ornuna Osman beg bolýar. Şondanam gaýylaryň uly döwlet gurmasy başlanýar.

Ynha, ýene bir rowaýat: Osman beg ölenden soň, Orhan beg tagta münýär we özüne "soltan" adyny alýar. Soltan Orhan täze, berk düzgün-nyzamly, mydamalyk goşun düzýär. Bir bölek goşuny yzyna düşürýär-de Suwluja Garahöýüge gelýär. Hyzmatçylar: "Munça adama nädip nahar bererkäk?" diýşip, howsala düşýärler, emma Hajy Bekdaş Weliniň şol öňki rahatlygymyş. Kiçeňräk gazanda bişirilen palawdan tabak-tabak alyp, ähli halaýyga paýlapdyrlar weli, gazan şol öňküligine palawdan dolup durmuş. (Şol gazan häli-häzirem Hajy Bekdaş muzeýinde saklanýar.)

Soltan Orhan Hajy Bekdaşdan hümmet we ýardam isleýär. Şonda pir elini bir esgeriň başyna goýup, mydama ýeňiji we ýeňişli bolmagy üçin doga okapdyr.

Şol döwürler guralan ýeniçeri goşuny bekdaşylyga gol beripdirler we öz pirleri hökmünde Hajy Bekdaş Weliniň adyny arşa göteripdirler. Şoňa bir nusgany şu taýda Siziň dykgatyňyza ýetirýäris:

Mümin biz dünýä gurlaly bäri,
Hakyň birligine eýledik ykrar,
Bu ýolda bermiş biz seri,
Nebimiz bardyr – Ahmedi Muhtar.
La-ezal mestanalar biz
Sanalmarys barmak bile.

Kimse bilmez ahwalymyz,
Daşymyzdan sormak bile.
On iki ymam, on iki tarykat,
Ähl isine diýdik beli.
Üçler, bäşler, ýediler.
Nury Nebi, Keremi Ymamy Aly.
Pirimiz, ussadymyz – Hajy Bekdaşy  Weli.
Demine, döwranyna Hü diýeliň, Hüü...

Hajy Bekdaş Welini näme sebäpden Osman imperiýasynyň başlangyjyny goýujy Osman bilen, goşunyň üýtgeşik tipi bolan ýeniçeriçilik bilen baglanyşdyrýarkalar?

Bu sowala professor, ylymlaryň doktory, Edhem Ruhy Fyglaly jaýdar jogap tapypdyr:

“Çünki sahawatlylyk däpleriniň meşhur bolan bir döwründe, her meslek we senet golunyň bir piriniň bolmalydygy hakda köpçülikleýin ynanç bilen ýeniçeriligi erenler serweri we ýeňijiler serdary hasaplanan Hajy Bekdaş Weli ýaly bir din beýiginiň ruhy we kuwwaty bilen utgaşdyrmak isläpdirler...”

Alym Fyglalynyň sözi bilen aýdaňda: “...Ähmiýetli bolan zat bolsa, o döwrüň ynsanlarynyň, soňraky wagtlarda döwletiň başyna bela bolmagyna garamazdan, başky goşun guralyşynyň aslyna Hajy BekdaşWeli ýaly Türkmen gazynyň (Ýeňijiniň) ýerleşdirilip, onuň hem pir saýylmagydyr”.

Hajy Bekdaş Weli Osman imperiýasynyň soltanlary bilen görüşmedik bolsa-da, bu imperiýanyň ruhy esaslaryny taýýarlamakda, şol nokada gelýänçäler ruhy garşylyklary ýeňmekde ummasyz uly işleri, dogrusy

gahrymançylykly işleri bitirenligini unudyp bolmaz. “Hajy Bekdaş Weli ölenden soň, diriligindäkiden köp iş bitirdi» diýip, türk alymlary ýazýarlar. Ýokarda adyny agzan alymymyz oňa: “Türkmen toplumyny döreden bir gahrymandyr” diýýär.

Osman imperiýasy bolsa dünýä taryhynda iň uly we iň uzak dowam eden imperiýa hasaplanýar. Yslam dünýäsi we Osman imperiýasy köp-köp asyrlap sinonim ýaly ulanylypdy. Şoňa görä-de günbatarly alym Bernard Lewis özüniň “Modern Türkiýäniň doguşy” diýen kitabynda: “Günbatar dünýäsi XVI asyra çenli yslam dünýäsiniň yzyna düşdi we ondan köp zat aldy. Başynda türkler duran yslam dünýäsi hristian dünýäsinden alar ýaly hiç bir zat ýok diýip, tekepbirlige berlip, günbataryň bilimini we tehnologiýasyny kabul etmedi” diýip ýazýar.

## Bekdaşiýa we beýleki tarykat silsilesi

Türkmen taryhçylaryna, edebiýatçylaryna amatly bolmagy üçin şu taýda bekdaşy tarykatyna eýeriji, emma başga atlar bilen agzalýanlar hakda-da aýtmak isleýäris. Bu maglumatlar türk alymy Abdylkadyr Sezginden alyndy.

1. Tahtaçy – türkmen tiresiniň biriniň ady hem-de bir hünäriň ady, şeýle hem esasan Bekdaşylyga eýerijilerdir.

2. Gyzylbaş– XVIII asyrda we soňra fanatik eýranly şaýylar üçin ulanylan sözdür, bekdaşy tarykatyna giren obaly diýen manysy hem meşhurdyr.

3. Çepni – oguzlara degişli bir topar türkmenleriň şiwe adydyr we bekdaşylyga eýerijilerdir.

4. Syraç – türkmenleriň bir şiwesi, olar bekdaşy tarykatyna ýürekden bagly we joşgunly ynsanlardyr.

5. Alewi – bu söz bütin yslam ülkelerinde ulanylýan bir sözdür. Ýöne her ülke muňa özüçe düşünýär. Anadolyda bekdaşy manysyndadyr.

Indi silsilelere geçeliň. Her bir tarykaty gurujy ýa-da onuň ady bilen gurlanlar özünden öňki halypalaryň haýsylaryna eýerýän bolsalar, şolaryň atlarynyň nobat bilen ýazylmagyna silsile diýilýär. Türkiýede iň meşhur, iň giň ýaýran mewlewiýa we bekdaşiýa tarykatlarydyr.

### Mewlewiýa tarykatynyň silsilesi

Möwlana Jelaleddin Rumy
Burhaneddin Muhakkyk Termezi
Huseýin Bekri Balhy

Ahmet bin Ömür Haýrany
Ammary Ýaser
Muhammet Suhrawerdi
Omar Bekri el-Kady
Wasiýeddin el-Kady
Muhammet Bekri
Muhammet Dineweri
Mümşad Dineweri
Jüneýd Bagdady
Ymam Ali Ryza
Hezreti Aly
Muhammet pygamber

Bekdaşyýa tarykatynyň silsilesi
(Ebubekir goly)

Hajy BekdaşWeli
Lokman Horasany (Perende)
Ahmet Ýasawy bin Muhammet Hanefi
Ýusup Hemedany
Ebu Aly Farmidi
Ebul Hasan Harkani
Baýezidi Bistami
Jaferi Sadyk
Kasym bin Muhammet bin Ebubekir
Selmani Farisi
Ebubekiri Syddyk
Muhammet pygamber

Nagyşbendi tarykat silsilesi (Ebubekir goly)

Muhammet Bahaýeddin Nagyşbendi
Emir Külal
Muhammet Baba Semmasi

Ali Ramiti
Muhammet Çagnewi
Arif Riwegeri
Abdylhalyk Gijduwany
Ýusup Hemedany
Ebu Ali Farmidi
Ebul Hasan Harkany
Baýezidi Bestamy
Jaferi Sadyk
Kasym bin Muhammet bin Ebubekir
Selmani Farisi
Ebubekiri Syddyk
Muhammet pygamber

Umuman, silsile gan garyndaşlygy däl-de her bir beýik adamyň mugallymlaryny, ruhy halypalaryny öwrenmek üçin örän zerurdyr.

# Hajy Bekdaş Weliniň Magtymgula täsiri

Beýik Magtymgulynyň “At islärin” diýen şygrynda Hajy Bekdaş Weliniň ady bar.

Hajy Bekdaş, Abdylkadyr,
Hoja Ahmet, Ymam Ryzadyr,
Feridun bir övlüýädir,
Baryndan hümmet islärin.

Emma Magtymgulynyň sile aldyran, duşmanlaryň zaýalan kitaplary hem-de bize belli bolmadyk beýleki eserleri hakda umytly çaklamalar aýdyp bileris. Üstesine-de iki beýik ynsanyň ylham derýalary deňeşdirilende örän ýakynlyk, bir perdeden gopmak ýaly hadysalara şaýatlyk edip bileris.

**Hajy BekdaşWeli:**

Maňa gol beren her mürid myhman istesin, myhmana hyzmat etsin...

**Magtymguly:**

Eger misgin, eger baýdyr –
Gelene hyzmaty gerek.

ýa-da:

Ganly bolsa, geç ganyňdan
Bir garyp myhman ýigide.

**Hajy BekdaşWeli:**

Maksada sabyr bilen ýetiler.

**Magtymguly:**

Sabyr eýlegil, bisabyrlyk hem bikär.

**Hajy BekdaşWeli:**

Duşmanyňyzyň hem ynsandygyny unutmaň.

**Magtymguly:**

Söweş jaýynda kem jüret, ýüreksiz,
Sütemni, jebri kän eýlär, ganymyn natuwan görse.

**Hajy BekdaşWeli:**

...Özüni şeýtan ýaly görmesin, hiç kimiň ýatan itini örüzmesin. Hiç kime gabarylmasyn.

**Magtymguly:**

Şere şöhrat bermek – şeýtanyň käri.
Gahryn ýutmak erer rahmanyň käri.

ýa-da:

Sen mylaýym bolsaň, guluň bolaýym.

ýa-da:

Süleýman sen, mura bir gulak goýgul,
Sözüni diňlegil, jowabyn aýgyl,
Häkim bolsaň, halky Gün kibi çoýgul,
Akarda suw, ýa öserde ýel bolgul.

**Hajy BekdaşWeli:**

Gördügiňi ört, görmedigiňi söýleme.

**Magtymguly:**

Aklyň bolsa, abyraýly kişiniň
Ýamanyn örtübän, ýaýyň ýagşysyn.

ýa-da:

Özüňi bil, özge le ne işiň bar

ýa-da:

Her kim ýamanlasa deňi-duşuny,
Özi müşgil eder asan işini.

**Hajy BekdaşWeli:**

Eliňe, diliňe, biliňe eýe bol.

**Magtymguly:**

Ýa lal otur, ýa dür saçgyl.

ýa-da:

Sözlemän oturmak, bilseň, akyldyr.

ýa-da:

Hoş sözüň diý, gahryň gizle.

ýa-da:

Akylly az gürlär, gorkar tilinden.

**Hajy BekdaşWeli:**

Geliň, janlar, bir bolalyň, iri bolalyň, diri bolalyň.

**Magtymguly:**

Agzalalyk aýrar ili dirlikden
Döwlet dönüp, nobat duşmana gelgeý.

**Hajy BekdaşWeli:**

Indi, ezizim! Hakykatyň birinji basgançagy – toprak bolmak, ikinji basgançagy – ýetmiş iki milleti aýplamazlykdyr.

**Magtymguly:**

Ýetmişiki millet bölek-bölekdir,
Bir bölekden goşma özge bölege.

**Hajy BekdaşWeli**:

Ylymdan gidilmeýän ýoluň soňy tümlükdir.

**Magtymguly:**

Egri ýoldan gitseň, ýamana geler

ýa-da:

Bilmez bir beladyr, bilenler – jandyr.

ýa-da:

Kämil tapsaň, goý ýolunda başyňny.
Är yzynda ýörseň, är dek bolar sen.

Iki awtory deňeşdirip okasaňyz, beýle mysallary gaty köp taparsyňyz. Hajy Bekdaşyň öwütleriniň ählisi

jemlenip hoşgörme pikirini emele getirýär. Magtymguluda-da hoşgörme bilen sazlaşyp çykýan şygyrlar, bentler, setirler ýeterlikdir. Özem örän originaldyr.

Her kes özige soltandyr, hanu-soltan gerekmes.

ýa-da:

Bir atada alty atanyň soýy bar.

Elbetde, Hajy Bekdaş Weli ýaly nähak unudylan beýik ynsan türkmen edebiýatynyň häzirki pursatynda ilkinji gezek agzalýanlygy üçin bu barada ähli edilmeli işler öňdedir, şol sanda onuň Magtymgula täsirleri hakda aýratyn ylmy işler öz nesibesine garaşýar. Köneden bäri arzuwlap ýören bir pikirimi-de, ýeri gelende aýdaýyn: Türkiýe taryh, gadymy edebiýat boýunça örän baý kitaply ýurt. Yslam ensiklopediýasy hem durşuna bir hazyna. Şolar türkmençä terjime edilip, kitap bolup çykaýsa, Amerika açylança begenjek.

## “Makalatdan” parçalar

Hajy Bekdaşyň “Makalat”, “Risalei Besmele” (türkçe), “Şathiýe”, “Kitab-ul Fewäid” kitaplary hem-de onuň adyna berilýän kitaplar: “Makalati Gaýbiýe”, “Kelimati Aýniýe”, “Hurdename”, “Üssül hakika”, “Fatiha süresi teswiri” bellidir. Bilşiňiz ýaly, Hajy Bekdaş Weliniň “Makalat” kitaby arapça ýazylyp, soňra türkçä terjime edilendir. Bu kitap awtoryň iň çuň, iň giň pikirli kitaby hasaplanýar. Türkiýe medeniýet ministrliginiň başda durmagynda professor, doktor Esat Joşan tarapyndan 1990-njy ýylda neşire taýýarlanan we Hüseýin Özbaý tarapyndan teksti sadalaşdyrylan kitapdan peýdalandyk hem-de kitaby tutuşlygyna Size ýetirip bilmeýänimiz üçin ötünç soraýarys.

## Horasanly Hajy Bekdaşyň ”Makalat” kitaby

...O esrar sözli, datly we hoşdilli, güler ýüzli, “Makalatyň” eýesi, şerigat suwy, terbiýe we bilim doly hakykat hazynasy, tarykat ähliniň basgançagy, şerigat kowmynyň müftüsi, ylymlar hazynasynyň mäligi, o bilinen älem, horasanly Soltan Hajy Bekdaşyň eziz syryny Alla mukaddes kylsyn.

O diniň yşygy, iman nurunyň ýagy, hakykat äleminiň bagy we erenler duralgasy şeýle diýer:

## Birinji bölüm

Hak Subhanehu we Tagalla Adamy dört dürli zatdan ýaratdy, dört bölege böldi. Dört bölegiň hem dört dürli ybadatlary, dört dürli arzuwlary we dört dürli hallary bardyr.

Şoňa görä, ynsanyň ýaradyldygy dört dürli zadyň ilkinjisi toprak, ikinjisi suw, üçünjisi ataşwe dördünjisi ýeldir...

...Birinji bölek – abidlerdir. Olar şerigat kowmudyr we asyllary ýeldendir. El (Howa) hem şypa hem-de kuwwatdyr...

Bular awam (halk) taýpasydyr we işi-güýji bir-birlerini ynjytmakdyr. Ulumsylyk, husytlyk, kineçillik, gysgançlyk we duşmanlyk bularda her wagt görüler...

...Ikinji bölek – zahidlerdir. Olaryň asly ataşdandyr we olar tarykat taýpasydyr. Şu sebäpli gije-gündiz ýanmaklary, özlerini ýakmaklary lazymdyr. Her kim bu dünýäde kendisini ýaksa, ertir-ahyretde dürli azarlardan gutularlar. Şuny ýagşy biliň: bir gezek ýanan soňra ýanmaz. ...Zahidleriň ybadatlary: gije-gündiz Taňryny zikir etmek, bismillähi-rahmanir-rahymy her işde ýat etmek, gorky we umyt içinde bolmak, dünýäde ahyret üçin ýararly işler etmegi arzuwlamak. Hallary-da ylmy leduna (gaýyp ylmyna) ýetmekdendir hem-de öz bilgilerinden minnetdar galmyşdyrlar. Nireden gelip nirä gitdiklerini bilmezler. Çünki, olara dogry ýol gapysy açylmady. Ýeten her bir mertebesine öz gaýratlary bilen ýetendirler...

...Üçünji bölek – aryflardyr. Olaryň asly suwdandyr we olar maryfet taýpasydyr. Suw, özi-de tämizdir, hem-de tämizleýjidir. Bu sebäpden aryf hem tämiz bolmaly, hem tämizleýji.

Aryflaryň ýanynda her sözüň üç ýüzi, öňi we bir arkasy bardyr. Kütekler, jahyllar, bilmeýändikleri üçin, kelemäniň arkasyny söýlärler-de özlerini ataşa atarlar. Emma aryflar her kelemäniň ýüzüni söýlärler we ataşdan gutularlar...

...Indi ynsan suwa gerek, suw täret kylmaga gerek, täret kylmak namaza gerek, namaz Alla ýaramak üçin gerek...

Şu sebäpli, ezizim, ýagşy düşünmek gerekdir, kişide ýaramaz işbolmasyn. Kişi her zaman tämiz bolmalydyr. Ynsanyň tämizlenmedik (pis gatyşykly) bolmasyna sebäp – içinde şeýtan işiniň bolmasydyr.

Eger ynanmasaň, bir gaba içgi (alkogol) guý we agzyny ýap, deňize taşla. O gabyň daşyny on ýyl ýuw. Gabyň içindäki içgi öňki içgidir we murdardyr (ýene pisdir)...

...Eger içiňde ulumsylyk we husytlyk, gysgançlyk, jümrilik, duşmanlyk, tamakinlik, öýke, gybat, kelçiklik, lakgylyk we masgaralyk bilen şular ýaly ýene şeýtan işi bar bolsa, waý saňa, suwa ýuwunyp nädip tämizlenerkäň?!

Şeýle bolsa, hakykatdan-da bilgin, tämizlenmersiň.

...Ezizim! Aryflaryň asly suwdandyr we içlerinde pis zat bolmaz. Suwuň asly-da ýaşyl jöwherdendir we o jöwheriň asly-da Taňrynyň öz gudratyndandyr. Munuň üçin Taňry tebareke we Tagalla aryflaryny söýer. Çünki

aryflaryň asly Taňrydandyr; a**syllynyň aslyny söýmesi geň zat däldir...**

...Aryflaryň hallary bolsa, bütin barlyga hormat görkezmekdir we ýaramaz düşünjä gapylmazlykdyr...

...O halda indi toprak topraga, suw suwa, ýel ýele, ataşataşa öwrüler...

Aryf muhipden sorarmyş:

– Eý, muhip! Asylda atamy ýa-da ene ähmiýetli?

– Köpüsi şeýle diýer: ene asyldyr, ata kökdür. Emma biziň ýanymyzda ata asyldyr, ene kökdür. Çünki asyl – tohumdyr, ýere ekilende kök bolar...

Eger muhiplere Allany nädip bildiň diýseler, olar şeýle jogap bererler:

– Allany özümizden, özümizi-de Alladan bildik. Sözümiziň delili – Hezreti Aleýhissalamyň aýdan şu

hadysydyr: **“Her kim özüni bilse, şübhesiz Allany-da biler”.**

–

## Ikinji bölüm

...Ýagny, biziň sözümiz şudur: Rahmanyň we şeýtanyň asly nedir? Muny bilmek gerek. Indi şu-da bilinmelidir: Rahmanyň asly iman, şeýtanyň asly şübhedir. Ýagny, imana şübhe garmak kyndyr. Çünki, iman akyldan gelýändir, akyl soltandyr we ten içinde imanyň naibidir. Soltan gidäýse, naib neneň durup biler?!

Meselem:

Iman bir hazynadyr. Allanyň näletledigi Iblis bir ogrudyr. Akyl bolsa hazynadardyr. Şeýle ýagdaýda hazynadar gidäýse, ogry hazynany näder?!

...Eý, biçäre misgin! Iman seniň içiňde başyboşdyr.

Indi Alla ynanmak, buýrugyny tutmak, saklanyň diýdiginden saklanmak imandyr. Taňry Tebareke we Tagalla buýurdygyny tutman, saklan diýdiginden saklanmazlyk Taňra ynanmazlykdyr.

Taňrynyň meleklerine ynanmak imandyr.

Indi, diňle, ezizim! Her bir kişini üç ýüz altmyşmelek gorar. Munça melekler arasynda edepsizlik edersiň-de, sen özüň ýaly kişi ýanynda edepsizlik etmersiň. Hany, meleklere ynanjak bolmaň nirede?

## Bäşinji bölüm

Bu bölüm maryfetiň basgançaklaryny beýan eder.

Indi, diňle, ezizim! Maryfetiň birinji basgançagy edepdir, ikinji basgançagy gorky, üçünji basgançagy tygşytlylyk, dördünji basgançagy sabyr we kanagat, bäşinji basgançagy utanmak, altynjy basgançagy jomartlyk, ýedinji basgançagy ylym, sekizinji basgançagy misginlik, dokuzynjy basgançagy maryfet, onunjy basgançagy özüňi bilmekdir.

## Ýedinji bölüm

Bu bölüm maryfetiň bilinen jogabyny beýan eder.

O älemiň gupbasy we ynsan oglunyň guwanjy Horasanly Hajy Bekdaş (Alla oňa rahmet etsin) şeýle diýýär:

**Köňül, beýik bir şäherdir,** Hak Subhanehu we Tagalla arşdan ýeriň astyna çenli her näme ýaradan bolsa, o şäherde bardyr hem-de o şähere sygar. O şäherde iki soltan bardyr: olaryň biri rahmany, beýlekisi şeýtanydyr.

Rahmany soltanyň ady akyl, naibi iman we goragçysy misginlik (pakyrlyk).

Ýüregiň sag gulagynda ýedi gala bardyr. Hak Subhanehu we Tagalla her bir galada bir goragçyny wekil kylmyşdyr. O goragçylaryň ady birme-bir aýdylmyşdyr:

Birinji goragçynyň ady ylymdyr.
Ikinji goragçynyň ady jomartlykdyr.
Üçünji goragçynyň ady haýadyr.
Dördünji goragçynyň ady sabyrdyr.
Bäşinji goragçynyň ady tygşytlylykdyr.
Altynjy goragçynyň ady gorkydyr.
Ýedinji goragçynyň ady edepdir.

...Çünki, bütin zatlar jan bilen direler, ýagny jan hem maryfet bilen direler.

Indi, diňle, maryfetli jan-erenler janydyr, maryfetsiz jan bolsa haýwanlar janydyr.

...Çünki, gök aglar, ýer güler, ýagny gökden ýagar, ýerden biter.

...Indi, diňle, ezizim! Jan – bossan, maryfet bolsa suwdur. Teşne bossana suw näme edýän bolsa, maryfetem jana şeýder.

...Çünki, maryfetli köňül – erenler köňlüdir. O Hak Tagallanyň uly hazynasy we nazargähidir. Maryfet o köňülleri diri kylar we köňül gözi açylar.

...Indi, diňle, iň beýik ybadat: “Ýa, Alla” diýmekdir. Yhlas bilen, ägirt yhlas bilen “Ýa, Alla” diýmek ýeňil däldir.

## Sekizinji bölüm

...Jomartlyk dört görnüşlidir:

Birinjisi, mal jomartlygy, bu baýlaryňkydyr.

Ikinjisi, ten jomartlygy, bu gazylaryňkydyr.

Üçünjisi, jan (ruh) jomartlygy, bu aşyklaryňkydyr.

Dördünjisi, köňül jomartlygy, bu aryflaryňkydyr.

...Edep dileýän gorkyny, gorky dileýän tygşytlylygy, tygşytlylyk dileýän sabry, sabyr dileýän utanjy, utanç dileýän jomartlygy, jomartlyk dileýän misginligi, misginlik dileýän ylmy, ylym dileýän maryfeti, maryfet dileýän jany, jan dileýän akly, akyl dileýän Allany söýer.

...Akyl Aýa, maryfet Güne, ylym-da ýyldyza meňzär.

...Ýedi gat gök bar, ten hem ýedi gatdyr. Ilki – deri, soňra et, gan, damar, siňir, süňk we ilik. Ynha, bular ýedi gat göge meňzär.

Dünýäde bulut we ýagmyr bar. Gaýgy buluda, gözýaşy ýagmyra meňzär.

Dünýäde gark ediji ýedi deňiz bar. Tende-de gark ediji ýedi deňiz bar:

Birinjisi gözdür – görmekden gark eder.

Ikinjisi dildir – sözlemekden gark eder.

Üçünjisi gulakdyr – eşitmekden gark eder.

Dördünjisi gursakdyr – eretmekden gark eder.

Bäşinjisi garyndyr – ajykmakdan gark eder.

Altynjysy agyry, syzlamadyr, ölüm bilen gark eder.

Ýedinjisi söýgidir, dälilik bile gark eder.

Dünýäde derýalar hem bar. Gözýaşy derýalara meňzär. Dünýäde obalar hem bar. Tenler obalara meňzär. Dünýäde agaçlar bar. Barmaklar agaçlara meňzär. Dünýäde otlar, ösümlikler hem bar: tüýler otlara, gollar ösümliklere meňzär.

Dünýäde dört dürli suw bar: birinjisi sap suw, ikinjisi ajy suw, üçünjisi şor suw, dördünjisi porsy suwdur. Tende-de dört dürli suw bar: birinjisi agyz suwy, süýjüdir, ikinjisi göz suwy ajydyr, üçünjisi burun suwy şordur. Dördünjisi gulak suwy pisdir.

...Dünýäde duşman we söweş hem bar. Nebis duşman, nebsewürlige garşy gitmek söweşdir.

...Döwletli kişi – janyny gaflatdan oýaran, halyny bilen kişidir.

...Adam (A.S.) sag ýanyna bakdy: üç gözel şahs gördi we sorady:

– Adyňyz kimdir we ornuňyz nirededir?

Birinjisi jogap berdi:

– Adym akyldyr we ýerim kellede, beýnidedir.

Ikinjisi şeýle jogap berdi:

– Adym utanç we haýadyr, ornum ýüzdedir.

Üçünjisi hem şeýle jogap berdi:

– Adym ylymdyr we ornum köňül içindedir.
Mundan soň Adam (A.S.) şeýle diýdi:
– Geliň, indi ýerli-eriňize giriň.

Şo wagt üçüsi-de ýerli-erine girdiler. Adam rahatlandy. Soňra sol tarapyna bakdy, o ýanda-da üç şahs gördi, ini jümşeşdi we sorady:
– Adyňyz kimdir we ýeriňiz nirdedir? Beýle ugursyz taýpasyňyz.
Olaryň biri şeýle jogap berdi:
– Adym öýkedir, ýerim başda-beýnidedir.
Adam garşy çykdy.
– Baş aklyň ýeridir, seniň başda ýeriň ýokdur.
O şahs şeýle jogap berdi:
– Men geldigim akyl gider.
Ikinji şahs hem şeýle diýdi:
– Meniň adym tamakinlik (açgözlülik), ýerim ýüzdedir.
Adam garşy çykdy.
– Ýüz, bütinleý, utanç we haýa ýeridir, seniň ýüzde ýeriň ýokdur.
– Men geldigim, utanç-haýa gider.
Üçünji şahs hem şeýle sözledi:
– Meniň adym husyt (gysgançlyk), ýerim köňül içidir.
– Köňül – ylym ýeridir.
– Men geldigim, ylym gider...
...Yerde agajy dik tutýan kökdür.
...Döwlet – edep, akyl we gözel ahlakdyr.
...Şu sebäpden akyl beden içinde soltan, köňül içinde rahatlykdyr. Allanyň ynsana beren munça

beýikligi, munça nury, munça keramaty, munça halady – akyl bereketindendir...

...Kimiň köňlünde akyl nury bar bolsa hoşdur. Kimde ýok bolsa, özüne haýry ýokdur, Hudaýyň ýanynda-da ýeri ýokdur.

...Ylmyň aýna meňzeşdigini aýdypdyk. Aýna bakan öz ýüzüni görer. Ýagny, kişi öz ýaman taraplaryny-da görer. Öz aýplaryny gören kişi hiç kimiň aýbyny dile getirmeli däldir.

...Her kime kapyrdan-da has ýaman üç duşman bardyr: birinjisi –nebsewürlikdir, ikinjisi – ulumsylyk we egrilik, üçünjisi – ýalançylyk we hilegärlik.

-----------

# Soňlama

**Hajy Bekdaş Weli** Rumustana barmak bilen o taýdaky milletiň agzybirligini, ruhubelentligini we gelejege umydyny artdyrmaga, başgaça aýtsak, **türkmenleriň täzeden doguşyny amala aşyrmaga uly goşant goşupdyr.** Alym Edhem Ruhy Fyglaly bu ýagdaýy synçylyk bilen suratlandyrypdyr: “Biziň düşünişimizçe, Hajy Bekdaşyň häkimlikleriň çalyşmasy we soltanlaryň täji bilen işi ýokdur. Ol bir gahrymandyr, emma eli gylyçly topalaňdan topalaňa ýüwürenlerden däldir. Eli kätmenli, eliniň azaby we alyn deri bilen dag başlarynda ýer açyp ýerleşen, bag we bakja ýetişdiren, şonuň bilen çarwa ruhuny şäherleşdirip, medenileşdiren, olardan imanly, üşükli, özüni bilen, **täp-täze bir türkmen toplum döreden gahrymandyr**”.

Hajy Bekdaş Weliniň ynsan beýnisine eken tohumlary gelejekki Osman imperiýasynyň ideýalary bolup gögeripdi. Bu beýik ynsanyň baş maksady – adamyň ruhundaky wagşy janaweri ýok etmekden ybaratdyr, ýagny adam özüni berk kontrolda saklamalydyr. Adamyň iň uly söweşi – özündäki nebsewürlik, ýaman niýetleri we gahary bilendir, iň uly ýeňşi hem – özüni ýeňmesidir. Özüni ýeňen adamyň hökman hoşgörüşli boljakdygyna Hajy Bekdaş Weli ynanypdyr. Bekdaşy tarykatyna eýerijileriň dürli milletlidigininiň bir sebäbi hem şol hoşgörme bolsa gerek.

Aýratyn bir nygtamaly zat: Hajy Bekdaş Weli beýle pikirleri adamzada hödürlemek bilen özi çetde galan

adam däl. Öz aýdanyny durmuşda özi berjaý edenligine hiç şübhe ýokdur.

Hajy Bekdaş Welini yslamdan daşarky bir adam edip görkezjek bolmak meýilleriniň hem barlygyny aýtmaly, emma alymlaryň aglabasy onuň sünni mezhebine eýeren beýik ynsandygyny tassyklaýarlar.

“XIII asyrdaky pikirleriň XXI asyr üçin neneňsi täsiri bolup biler?!” diýip güman etjeklerem bardyr.

ADAM haýsy asyrda ýaşasa-da ADAM bolup ýaşamalydyr.

## Soňy

## Bibliografiýa

Aşyk paşa ogly taryhy. Ystambyl. 1970 ý.

A.Eflaki “Menakib-ul-Arifin”. Ankara, 1954 ý.

Ismet Zeki Eýýubogly “Bekdaşylygyň her taraplary”. Ystambyl, 1980 ý.

Mehmet Eröz “Türkiýede alewilik we bekdaşylyk”. Ankara, 1990 ý.

“Erdem” almanahy, 1995 ý., 1996 ý.

Edhem Ruhy Fyglaly “Türkiýede alewilik, bekdaşylyk”. Ystambyl, 1990 ý.

Hasan Gülşan “Köňülleri we ülkeleri topsuz-tüpeňsiz ýeňen Hajy Bekdaş Weliniň her taraplary we alewi-bekdaşylygyň esaslary. Ystambyl. 1975 ý.

Esad Joşan“Hajy Bekdaş Weli.Makalat”.Ankara, 1990 ý.

Fuad Köprüli. “Türk edebiýatynda ilkinji mutasawwyflar”. Ankara, 1991 ý.

B.Noýan.“Bekdaşylyk-alewilik nämedir?”.Ankara,1987 ý.

Ýaşar Nury Öztürk. “Bekdaşylygyň taryhy”. Yst, 1992 ý.

Orhan Türkdogan. «Alewi-bekdaşy kimligi”. Yst, 1995 ý.

Türk medeniýeti we Hajy Bekdaş Weli. Ankara, 1988 ý.

“Welaýatnama...” A.Gölpinarly tarapyndan neşir edildi. Ystambyl, 1958 ý.

Mazmuny


Hajy Bekdaş Weliniň öwütleri. ......................................3
Hajy Bekdaş, XIII asyr, döwrüň keşbi... .........................5
Hajy Bekdaşyň ömri hakda. ..........................................12
Hajy Bekdaş Weliniň öwütleri hakynda………………24
Ynjasaň-da ynjytma.....................................................25
Geliň, janlar, bir bolalyň, iri bolalyň, diri bolaly…….…..29
Duşmanyňyzyň hem ynsandygyny unutmaň....................34
Aýal-gyzlary okadyň........................................................37
Hiç bir milleti we ynsany aýyplamaň…………………41
Her näme gözleseň, özüňden gözle…………………...46
Gördügiňi ört, görmedigiňi söýleme ……………… 50
Ylymdan gidilmeýän ýoluň soňy tümlükdir ………….54
Eliňe, diliňe, biliňe eýe bol!..........................................58
Özüňe agyr geleni özgä ýükleme……………………..60
Gözle, tap……………………………………………..62
Hajy Bekdaş Weliniň Hoja Ahmet Ýasawy,
Möwlana Jelaleddin Rumy, Ýunus Emre bilen
baglanyşygy hakda……………………………………..65
Hajy Bekdaş Weli we Ahi Ewren ……………………..71
Hajy Bekdaş Weli we Osman imperiýasy……………..74
Bekdaşiýa we beýleki tarykat silsilesi…………………79
Hajy Bekdaş Weliniň Magtymgula täsiri………………82
“Makalatdan»”parçalar…………………………………86